Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**M. HOLIKOWA, Ş. ERGAŞEWA**

# EDEPNAMA
# 4

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
4-nji synpy üçin derslik

*Düzedilen we doldurylan dördünji neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň*
*Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

**DAŞKENT**
**«YANGIYO‘L POLIGRAF SERVIS»**
**2017**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K: 17=512.164(075.2)
KBK: 74.200.51
X 59
Holikowa, Mohira
**Edepnama 4**: Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 4-nji synpy üçin derslik / M. Holikowa, Ş. Ergaşewa. - Düzedilen we doldurylan dördünji neşir. - Daşkent.: «Yangiyo‘l poligraf servis», 2017. - 96 s.

UO‘K: 17=512.164(075.2)
ISBN 978-9943-4935-7-5 KBK: 74.200.51ya71

**Syn ýazanlar** – **S. Olimow,** filologiýa ylymlarynyň kandidaty.
**Ş. Rizaýew,** filologiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent;
**Ş. Eýemberdiýewa,** Koson tümenindäki 95-nji ýöriteleşdirilen mekdebiň direktory
**M. Rahimowa,** başlangyç synp mugallymy.

## Şertli belgiler:

— «Ýokary ruhyat – yengilmas kuch» eserinden alnan pikirler

— Pähimler we hadyslar

— Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynyň maddalary

— Soraglar we ýumuşlar

— Tekstdäki çylşyrymly sözleriň düşündirişli sözlügi

— Akly ýiteltmek üçin şadyýan ýumuşlar

— Özbaşdak okamak üçin goşmaça ýumuşlar

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

© «Yangiyo‘l poligraf servis», 2011-2017.
© M. Holikowa, Ş. Ergaşewa, 2011-2017.
ISBN 978-9943-4935-7-5

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SÖZBAŞY

Edepli, bilimli, we akylly, zähmetsöýer, iman-ygtykatly perzent diňe bir ata-enäniň däl, eýsem tutuş jemgyýetiň iň uly baýlygydyr.

Eziz okuwçy! Eliňizdäki kitap siziň 1-2-3-nji synplarda «Edepnama» predmetinden alan bilimleriňizi baýlaşdyrýar. Bu kitap bilen dost bolsaňyz, diňe bir edep-ahlak kadalary däl, eýsem durmuşda özüňiz üçin gerek bolýan örän köp zatlary bilip alarsyňyz.

Siz ýuwaş-ýuwaşdan ulalyp, uly durmuşa ädim ädýärsiňiz. Ine şu durmuş bilen tanyşmagyňyzda, onuň tertip-kadalaryny özleşdirmegiňizde «Edepnama» dersligi kömege geler.

Adam edebi bilen gözeldir. Şonuň üçinem ata-babalarymyz ýaşlykdan bilim we edep-ahlak kadalaryny ele almagy ündäpdirler. Şol sanda Alyşir Nowaýynyň baý döredijilikli mirasynda edep-ahlaga degişli göreldeli pikirler köp.

Her kim aýan etse gowy gylyk,
Ýeter gowulykdan oňa gowulyk.

Size hödürlenýän şu derslikde şolar ýaly gymmatly pikirler gaty köp. Siz olary yhlas bilen okarsyňyz we durmuşda olara amal edersiňiz, diýip pikir edýäris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBEGISTAN – GELJEGI BEÝIK DÖWLET



1. Ene topragymyzdan ýetişip çykan beýik ynsanlardan kimleri bilýärsiňiz?
2. Sport, sungat, ylym-bilim ugrunda üstünlikleri gazanan ýurtdaşlarymyz barada aýdyp beriň.

Ata watanymyz Özbegistan gadymy taryha eýe. Bu ýurtdan dünýäni haýran galdyran ençeme alymlar ýetişip çykypdyr.

Ata-babalarymyz ýurduň azatlygy we garaşsyzlygy üçin asyrlaryň dowamynda göreş alyp barypdyrlar. 1991-nji ýylda Özbegistan garaşsyzlygyny gazandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Garaşsyzlyk ýyllary ýurdumyzda ähli ugurda misli görülmedik üstünlikler gazanyldy. Ýaşlaryň bilim almagy, öz zehinlerini ýüze çykarmagy üçin şertler döredildi. Biziň üçin gelşikli okuw edaralary, sport desgalary guruldy.

Bu günki günde Özbegistan çalt depginler bilen ösýän ýurtlardan biridir. Ýaşlarymyz sport ýaryşlarynda watanymyzyň baýdagyny ýokary galdyrýarlar. Şonuň ýaly-da, aýdym-saz bäsleşikleri, ylmy olimpiadalarda ýokary netijeleri eýeleýärler.

Ýurdumyzda öndürilýän önümlere bolan talap bütin dünýäde barha artýar. Çünki olar tebigylygy we ýokary hili bilen tapawutlanýar.

Ýurduň geljegi ýaşlaryň elinde. Şonuň üçin gowy bilim alyp, haýsy-da bolsa bir käri eýeläp Özbegistanyň ösüşine öz goşandymyzy goşmalydyrys.

1. Taryhda beýik serkerde we döwlet işgäri hökmünde tanalan eždadymyz kim?
A. Alyşir Nowaýy
B. Emir Temur
D. Ibn Sina
E. Abu Reýhan Biruny

2. Diňe biziň ýurdumyzda öndürilen awtomobilleriň atlary berlen hatary tapyň.
A. Lada, Matiz, Damas
B. Toýota, Lasetti, Tiko
D. Lasetti, Kaptiwa, Malibu
E. Epika, Mersedes, Neksiýa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ENE-WATAN

**Orif Tohtaş**

Azat Watan, hüýr Watan,
Topragy zer, dür Watan.
Gözümiziň melhemi
Jandan ezizdir Watan –
Güneşli Özbegistan,
Deňi ýok Özbegistan!

Tutan ýoly zyýaly,
Bolelinlik şygary.
Bu özüne berk bolan,
Özbekleriň diýary –
Güneşli Özbegistan,
Deňi ýok Özbegistan!

1. «Ene-Watan» goşgusyny nähili düşündiňiz? Mazmunyny aýdyp beriň.
2. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýaş nesil üçin döredilen şertler barada pikir ýörediň.
3. Özbegistanda nähili önümler ýetişdirilýär?
4. Ýurdumyzda haýsy kysymly awtomobiller öndürilýär?
5. Biz watanymyzyň ösüşine nähili goşant goşup bileris?
6. Ata-eneňiz ýa-da aga-doganyňyz bilen garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünlikler barada söhbet guraň. Olardan alan maglumatlaryňyzy ýoldaşlaryňyza aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝURT PARAHATÇYLYGY – IL BAÝLYGY





Siz nähili ýagdaýda bilim alyp, ýoldaşlaryňyz bilen dürli oýunlary oýnap bilersiňiz? Baýramlary bellemek we toýdur tomaşalary geçirmek üçin näme zerur?

Watany uly maşgala meňzetmek mümkin. Onda ýaşaýan adamlar bolsa şol maşgalanyň agzalarydyr. Eger maşgala agzalary agzybir bolup, parahat ýaşasalar beýle maşgalada bereket bolýar. Şeýle maşgala hemme höwes edýär. Diýmek, ýurduň rowaçlygy üçin hem adamlar agzybir ýaşamaly.

Ýurdumyzdaky parahatçylyk sebäpli bilim alyp, gündelik işlerimizi ýerine ýetirip, maşgalamyzyň gujagynda arkaýyn ýaşaýarys. Gynansak-da, ine şeýle asudalygymyzy görüp bilmän, oňa wehim salmak niýetinde bolan ýowuzlar hem ýok däl. Olar dürli ýollar bilen parahatçylygymyzy bozmaga dyrjaşýarlar. Biz gowy okasak, ata-enemiziň we mugallymlarymyzyň sözlerine gulak assak olara garşy göreşen bolarys. Hemişe hüşgär bolup, keseki, şübheli adamlaryň şirin sözlerine ynanmaly däldiris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurdumyzyň birinji Prezidentiniň nygtaýşy ýaly, «Eger biz agzybir bolsak, il-ýurt bähbidi ugrunda bir ten bir jan bolup ýaşasak, özümizden dönük çykmasa, özbek halkyny hiç kim hiç haçan ýeňip bilmez».

1. Bu günki günde dünýäde bolup geçýän wakalar barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Birahatlyk höküm sürýän ýurtlardaky çagalaryň ýaşaýşy barada pikir ýörediň.
3. Parahatçylygy goramak üçin nämelere amal etmelidiris?

## BEÝIK WATANPERWER

Beýik Nejmiddin Kubra danyşment we edermen adam bolupdyr. Hakyky watanperwerlik, edermenlik diýende ynha şeýle eždatlarymyz göz öňümize gelýär.

Bir zamanlar Çingiz hanyň baştutanlygyndaky mongol-tatar basybalyjylary ýurdumyza çozup giripdir. Basybalyjylar oba-şäherleri talap, olary otlapdyr.

Nejmiddin Kubranyň ylym-bilim öwrenjek diýip dürli ýurtlardan gelen dört ýüzden artyk şägirdi bardy. Ol şägirtlerini toplap şeýle diýipdir:

– Ýurdumyza gelen bu bela hemme ýeri ýegsan edýär. Her biriňiz öz ýurduňyza tarap ýola çykyň.

– Beýik şyh, at-ulaglar taýýar, wagty geçirmän siz hem dynç ýerlere gidiň – diýip haýyş edipdir şägirtleri.

– Men bu uruşda gurban boljakdygymy bilýärin, emma öz watanymy taşlap gidip bilmerin. Size bolsa ak ýol, – diýipdir şyh.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nejmiddin Kubra halky toplap, Watany goramaga çagyrýar. Iki arada berk çaknyşyk başlanýar. Nejmiddin Kubra birnäçe duşmany urup ýykýar. Tötänden bir ok onuň döşüni deşip geçýär. Haldan taýyp, ýykylýandygyny duýsa-da ahyrky damja gany galýança söweş meýdanyny taşlap gitmeýär. Ol duşmanyň baýdagyny berk tutup alan halatynda jan berýär.

Aýtmaklaryna görä, Nejmiddin Kubranyň edermenligi hatda Çingiz hany-da haýran galdyrypdyr.

Aşakdaky nakyllary mazmun taýdan laýygyny saýlap, dowam etdiriň we depderiňize ýazyň.

**1) Ýurduň dynç –**

**2) Dynçlyk bilen il gögerer,**

**3) Bilbil çemeni söýer,**

**4) Parahatçylyk –**

**a) adam watany.**

**b) bolelinlik ýoldaşy.**

**ç) sen dynç.**

**d) Ýagyn bilen ýer gögerer.**

1. Ata-eneňiz bilen watanperwerlik temasynda söhbet guraň. Söhbetden halan göreldeli hekaýany, wakany ýa-da rowaýaty depderiňize ýazyň.
2. Beýik watanperwer hekaýasyndan alan täsirleriňizi aýdyň. Siziň pikiriňizçe, Nejmiddin Kubra näme üçin şägirtleri bilen gitmändir?
3. Parahatçylyk temasyndaky goşgulardan ýat tutupdyňyzmy? Aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTAN – KÖP MILLETLI ÝURT



1. Özbegistanda haýsy millet wekilleri ýaşaýar?
2. Başga millet wekillerinden dostlaryňyz barmy? Olar barada aýdyp beriň.

Özbegistan – köp milletli ýurt. Bu günki günde ýurdumyzda 130-dan artyk millet we halkyýetler agzybirlikde, abat durmuş geçirýärler. Her bir millet özüniň ozaldan gelýän gymmatlyklary, taryhy, urp-adatlary bilen başgalardan tapawutlanýar. Özbekler myhmansöýer, zähmetsöýer we perzentperwer halk hökmünde tanalan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Uruş döwründe Özbegistana ewakuasiýa edilen dürli millete degişli müňlerçe adamlara özbek halky öz öýünden ýer berdi. Gaty agyr şert bolmagyna seretmezden käbir maşgalalar rus, ukrain, belorus we başga millete degişli onlarça ata-enesiz galan çagalary öz gujagyna aldy. Halkymyz bir döwüm çöregini olar bilen deň paýlaşdy. Bu özbeklere mahsus bolan bagrygiňligiň bir görnüşidi.

Ýurdumyzda ýaşaýan milletleriň ösüşini, medeniýetini, dilini, dinini we urp-adatlaryny ösdürmegi üçin ähli şertler döredilen. Şu günki günde Özbegistanda 150-ä golaý milli medeni merkezler iş alyp barýar.

Dürli millet wekilleri eli-ele berip zähmet çekse, parahat ýaşasa, ýurt hasda abat, durmuş bolsa bolelin bolýar.

Konstitusiýamyzda Özbegistan Respublikasi öz çäginde ýaşaýan ähli milletleriň we halkyýetleriň dili, urp-adatlary we däpleri hormat edilmegini üpjün etmegi, olaryň ösmegi üçin şert döredýändigi hem nygtalýar.

Mukaddes kitaplarymyzda-da hem ynsan eziz we mukaddes hasaplanýar. Diýmek, haýsy millete degişli bolmagyna seretmezden, adamy hemişe hormat etmelidiris, zerur wagtda ondan kömegimizi aýamaly däldiris.

**Millet** – dili, medeniýeti, taryhy, ýaşaýan çägi, sungaty, gymmatlyklary umumy bolan adamlar topary.

**Ewakuasiýa** – howpsuz ýere göçürmek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Depderiňizde gözeneklerdäki harplary dogry ýerleşdirip, milletleriň adyny tapyň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| J | T | K | Ä | I |
| K | Z | Ö | E | B |
| A | G | A | Z | K |
| A | T | R | T | A |

## DIL BILEN IL BILER

Serdaryň dogany Jeren kolležde okaýar. Ol örän edepli we akylly gyz, Zulfiýa baýragynyň eýesi. Jeren iňlis we rus dillerini öz ene dili ýaly bilýär.

Jeren Özbegistanyň dürli çäklerindäki we daşary ýurtlardaky dostlary bilen hat ýazyşyp, gatnaşyk saklaýar. Ata-enesine, jigilerine olar hakynda höwes bilen gürrüň berýär.

– Doganjan, men hem size meňzäp dostlarym köp bolmagyny isleýärin. Munuň üçin men näme etmeli? – diýip sorady bir gün Serdar doganynyň hekaýasyny höwes bilen diňläp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Munuň üçin dil bilmelisiň, adamlary tüýs ýürekden gowy görmelisiň.

– Onda maňa dil öwrenmegim üçin kömek berjekmi?

– Elbetde, dil bilen – il biler, diýipdirler ahyryn. Munuň üçin özüňde gyzyklanma we ymtylyş bolsa, boldugy. Şonda dil öwrenersiň, başga halklar hakynda hem bilersiň. Ine, maňa dürli millete degişli dostlarym özleri, ýurtlary we urp-adatlary hakynda gyzykly maglumatlary ýazyp durýarlar. Düýn dostum Eliza öz Watany – Beýik Britaniýa, iňlisleriň buýsanjy bolan Big Ben, Temza derýasy we Britan muzeýi hakynda ýazyp iberipdir. Onuň aýtmagyna görä, muzeýde biziň taryhymyza degişli köp eksponatlar, golýazmalar bar eken. Men hem oňa Özbegistan we durmuş terzimiz, urp-adatlarymiz hakynda ýazyp iberjek.

– Eh nähili gowy, men hem tizräk dil öwrenip, dostlarymyň köpelmegini isleýärin, — diýdi Serdar gözlerini ýalpyldadyp.

**Big Ben** – Beýik Britaniýa paýtagty Londondaky taryhy-binagärlik ýadygärliklerden biri.
**Temza** – London şäherinden akyp geçýän derýa.

1. Serdaryň näme üçin dogany Jerene höwesi geldi?
2. Dostlaryňyz köp bolmagy üçin nämelere üns bermeli, diýip oýlaýarsyňyz?
3. Eger daşary ýurtda dostuňyz bolanda oňa nämeler hakynda ýazyp iberen bolardyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# EŽDATLARYMYZ GADYRLAN GYMMATLYKLAR









Suratlarda nähili milli gymmatlyklarymyz suratlandyrylypdyr? Halkymyzyň haýsy gymmatlyklaryny bilýärsiňiz?

«Gymmatlyk» örän giň manyly düşünje bolup, adam we adamzat üçin gadyrly bolan zatlary aňladýar. Ol müň ýyllaryň dowamynda adamlar tarapyndan gadyrlanyp, eždatlardan nesillere geçip, timarlanyp gelinýän maddy we ruhy baýlyklar, däpler we urp-adatlardyr. Biziň ata-babalarymyz ata-enä hormat, watanperwerlik, parahatçylyk, azatlyk, mähir-şepagat, sahawat, myhmansöýüjilik ýaly gymmatlyklary aýratynam gadyrlapdyrlar.

Bizde dünýäniň başga halklaryna meňzemeýän urp-adatlar, baýramlar, adatlar we däp-dessurlar bar. Eždatlarymyz asyrlaryň dowamynda belläp gelen Nowruz baýramy şolara degişlidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Nowruz tebigatyň oýanmagy, haýyrlylyk, täzeleniş we ýaşaryş baýramydyr. Gadymda Nowruzda adamlar iň gowy adatlaryny görkezipdirler, owadan lybaslary geýip bezenişipdirler, lezzetli tagamlary taýýarlapdyrlar. Häzirki günde-de bu baýramy örän giň belleýäris. Nowruzda daşgazanlarda semeni, halim taýýarlanýar, oýungülki öwjüne galýar. Şonuň bilen birlikde, näsaglaryň, kömege mätäç adamlaryň halyndan habar alynýar.

Haşar – eždatlardan nesillere geçip gelýän gözel däp-dessurlardan biri. Gadymda adamlar haşar ýoly bilen ymaratlar, köprüler, medreseler we metjitler gurupdyrlar. Bu däp häzire çenli dowam edip gelýär.

Ululara hormat, kiçileri sylamak hem gymmatlyk hasaplanýar. Garyndaş-uruglaryňka barmak, näsaglaryň halyndan habar almak sogap işlerdir.

Gymmatlyklarymyzyň arasynda adamy beden we ruhy taýdan bişişdirmäge, halkyň arasynda raýdaşlygy güýçlendirýän ulakgapdy, göreş ýaly gadymy milli oýunlar hem bar. Olarda ýeňiş gazanmak üçin halallyk, mertlik, edermenlik we çalasynlyk talap edilýär.

Gymmatlyklar – halk baýlygy. Olary gadyrlap, soňky nesillere ýetirmek her birimiziň borjumyzdyr.

**Haşar** – arap sözi bolup, «köpçülik», «jemagat», «topar», manylaryny aňladýar. Köpçülik bolup käbir işi ýerine ýetirmäge, haýyr we mähir-şepagatly gymmatlyga haşar (ýowar) diýilýär.
**Köpkari (ulakgapdy)** – Orta Aziýa halklarynyň gadymy köpçülikleýin milli oýunlaryndan biri. Esasan hasyl baýramlary, toý we seýiller mynasybetli geçirilipdir we häzir hem käbir geçirlip gelinýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## HAŞAR – ILE ÝARAŞAR

(Alyşiriň hekaýasy)

Biziň mähellämiziň adamlary örän agzybir. Mähelledeşlerimiz ýalňyz, näsag adamlaryň halyndan habar almagy, kynçylyk çekýänlere kömek elini uzatmagy öz borjy hasaplaýarlar. Kimdir jaý gurmakçy ýa-da toý etmekçi bolsa, hemme maslahata ýygnanýar, her kim elinden geleninden kömek berýär.

Maňa aýratynam her ýylky Garaşsyzlyk we Nowruz baýramlarynda geçirilýän haşarlar ýakýar. Şol güni irden turup, kakam bilen mähellä çykýarys. Mähelledeşler bilen bir maşgala agzalary ýaly agzybirlikde, eli-ele berip zähmet çekýäris: köçeleri, aryk-ýaplary arassalaýarys, nahal oturdýarys, daragtlara şekil berip, olary aklaýarys. Soň mähelläniň adamlary saçagyň daşynda toplanyşýarlar. Hemme tapanyny orta goýup, köpçülik bilen bölüşýärler.

Haşar örän meýletin çäre. Oňa her kim öz goşandyny goşmaga howlukýar. Haşar gutaransoň, köçelerimiziň we öýlerimiziň tämizligini görüp, göwünler göge galýar.

?!

1. Gymmatlyk diýende nämäni düşünýärsiňiz? Eždatlarymyz gadyrlan gymmatlyklar barada aýdyp beriň.
2. Haýsy milli oýunlarymyz adamda mertligi, halallygy, edermenligi we çalasynlygy terbiýelemäge hyzmat edýär?
3. Haşar näme? Siz haşara gatnaşdyňyzmy?
4. Babaňyz, mamaňyz ýa-da ata-enäňiz bilen gymmatlyklar temasynda söhbet guraň. Sizde haýsy urp-adat ýada däp-dessurlar uly täsir galdyrdy? Näme üçin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÖZBEGISTAN – MEDENI WE RUHY MIRASLARA BAÝ ÜLKE









1. Suratlarda medeni-ruhy mirasymyzyň nähili nusgalary görkezilipdir?
2. Siz ýaşaýan ýerde-de gadymy ýadygärlikler barmy? Olar barada aýdyp beriň.

Biz eždatlarymyz tarapyndan galdyrylan medeni we ruhy ýadygärlikler bilen näçe buýsansak-da bolýar. Olar döreden eserler, açyşlar biziň üçin ruhy mirasdyr.

Taryhda iň beýik tebip hökmünde tanalan beýik şahs babamyz Ibn Sinadyr. Tutuş dünýädäki lukmançylyk ugrunyň hünärmenleri häzirki güne çenli onuň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

döreden köp jiltli «Tib kanunlary» kitabyna daýanýarlar.

Watandaşymyz Ymam Buharynyň ady bolsa tutuş yslam äleminde hormat-sylag bilen dile alynýar. Ol iň ynamly hadyslary toplap, «Al-Jome as-sahih» kitabyny düzüpdir. Bu kitap yslam dininde «Gurhan»dan soňky möhüm gollanma bolup hyzmat edýär.

Abu Reýhan Birunynyň kitaplarynda gadymky döwürler we adamlar hakyndaky gymmatly maglumatlar bar.

Ýewropada al-Fraganus ady bilen meşhur bolan Ahmet Fergany bolsa öz açyşlary bilen dünýäni haýran galdyrypdyr. Ol Afrikadaky Nil derýasynyň suwunyň derejesini ölçeýän guraly oýlap tapyp, müňlerçe adamlaryň durmuşyny saklap galypdyr.

Mürze Ulugbek Samarkantda obserwatoriýa gurdurup, ýyldyzlar ylmyny öwrenipdir. Onuň «Ziji Kuragany» eserinde 1018 sany ýyldyzyň asmandaky orny anyk görkezip berlen.

Beýik eždatlarymyzyň ady hemişe ýaşar. Belgiýada Ibn Sina, Litwada Mürze Ulugbeke, Moskwa, Tokio we Baku şäherlerinde Alyşir Nowaýa, Müsüriň paýtagty Kair şäherinde bolsa Ahmet Ferganynyň hatyrasyna gelşikli heýkeller oturdylandyr.

Ýurdumyz taryhy ýadygärliklere-de baý. Dünýäniň adamlary Samarkant, Buhara we Hywa şäherlerini bir görsem, diýip arzuw edýärler. Dürli döwürlerde gurlan binagärlik ýadygärlikleri taryhymyzyň nähili beýikligine şaýatlyk edýär. Şu sebäpli-de babamyz Emir Temur özi gurduran Aksaraýyň maňlaýyna «Gudratymyza şek-şübhäňiz bolsa, biz gurduran binalara bakyň», diýip ýazdyryp goýupdy. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda her bir raýat



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

halkyň taryhy, ruhy we medeni mirasyny aýawly gorap saklamalydygy nygtalýar. Şeýle ýadygärlikler umumyhalk baýlygy hasaplanýar we olary kastdan ýok etmek jenaýatdyr.






**Aşakdaky ýumşy depderiňizde ýerine ýetiriň.**

1. Lukmançylyk ylmynyň soltany – __________.
2. __________ hadyslary tapyp, wagyz edipdir.
3. Ahmet al-Fergany Ýewropada ________ ady bilen meşhur.
4. Mürze Ulugbek _____ da _____ durdurypdyr.

1. Beýik eždatlarymyzdan kimleri bilýärsiňiz? Olaryň haýsy taraplary görelde alarlyk?
2. Dünýäniň haýsy şäherlerinde eždatlarymyzyň heýkelleri oturdylypdyr?
3. Ruhy-medeni mirasy aýawly gorap saklamak diýende nämäni düşünýärsiňiz?
4. Beýik eždatlarymyzdan biriniň durmuşy, döredijiligi hakynda maglumat toplaň we depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# DÖWLET DILI






Alyşir Nowaýy

Özbegistan Respublikasynyň döwlet dili özbek dilidir. Özbegistan Respublikasy öz çäginde ýaşaýan ähli milletleriň we halkyýetleriň dilleri, urp-adatlary we däpleri hormat edilmegini üpjün edýär, olaryň ösmegi üçin şert döredýär.

**4-nji madda**

Döwlet dili diýende şu döwletiň çäginde esasy gepleşik serişdesi bolan dil düşünilýär. Ähli döwlet resminamalary döwlet dilinde ýazylýar, ýygnaklar, maslahatlar şu dilde alnyp barylýar.

Her bir döwlet öz döwlet diliniň saplygyny saklap, barha baýamagyny üpjün edýär. Döwlet dilini öwrenmek we okatmak üçin hökümet zerur şertleri döredýär.

Özbek dili uzak we baý taryha eýe. Dilimiziň ösmeginde Mahmyt Kaşgarly, Ýusuf Has Hojib, Ahmet Ýugnaki, Alyşir Nowaýy, Zahiriddin Muhammet Babur ýaly eždatlarymyzyň hyzmatlary uludyr. Aýratynam,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Alyşir Nowaýy «Hamsa» ýaly beýik eser ýazyp, özbek edebi diliniň şekillenmegine bibaha goşant goşdy.

Özbegistan Respublikasynyň «Döwlet dili baradaky» Kanuny 1989-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda kabul edilen. Her ýyl şu sene dil baýramy hökmünde belleýäris.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ene dilimiz her taraplaýyn baýlaşdy we ösdi. Käbir şäher, tümen, oba we mähelleleriň gadymy atlary dikeldildi. Köçeleriň, gurama we edaralaryň atlary özbekçe atlandyrylyp başlandy.

2016-njy ýylda ýurdumyzda Alyşir Nowaýy adyndaky Özbek dili we edebiýaty uniwersiteti döredildi. Bu ýerde özbek dilimini öwrenýän alymlar, ökde hünärmenler taýýarlanýar.

Adamyň ene diline hormaty şu dilde dogry we suwara geplemegi, owadan we sowatly ýazyşynda görünýär. Adam öz ene dilini näçe gowy bilse, onuň baýlyklaryndan şonça lezzetlenýär.

Ähli gowy sypatlar ynsan kalbyna, ilki bilen, ene hüwdüsi, ene diliniň gaýtalanmaz täsiri bilen siňýär. Ene dili – bu milletiň ruhudyr.

Ene dilini çuňňur bilen adam Watanynyň taryhyny hem gowy bilýär. Dile ünsli bolmak, onuň saplygyny saklamak we mylakatly bolmak adamyň zynatydyr.

Şonuň bilen birlikde, daşary ýurt dillerini bilmek şu günki günüň ýaşlary üçin örän zerur. Gadymy kitap – «Awesto»da haýyrlylyk tymsaly Ahura Mazdanyň dilinden şeýle diýilýär: «Men öz Watanyny gorap bilýän we köp dilleri ele alan perzentlerimi hormatlaýaryn».

Ata-babalarymyz «Dil bilen – il biler», diýip ýöne ýere aýtmandyrlar we köp dil bilýän adamlar hormatlanypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# DIL BARADAKY PÄHIMLER

Nadanlardeý ýüzläp sözi etme hatar,
Danalardeý bir söz diýgil, lek manydar.

**Saady Şerazy**

Gowy söz – jan azygy,
Ýaman söz – baş gazygy.

**Halk nakyly**

**1. Haýsy akyldary özbek edebi diliniň esaslandyryjysy hökmünde bilýäris?**

A) Zahiriddin Muhammet Babur; B) Alyşir Nowaýy; Ç) Mahmyt Kaşgarly; D) Ýusuf Has Hojib.

**2. Özbegistan Respublikasynyň «Döwlet dili baradaky» Kanuny haçan kabul edildi?**

A) 1989-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda;
B) 1991-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda;
Ç) 1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda;
D) 1992-nji ýylyň 2-nji martynda.

1. Döwlet dili diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Islam Karimowyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabyndaky ene dilimize degişli pikirleri okaň.
3. Garaşsyzlyk ýyllarynda ene dilimiziň ösmegi üçin nähili işler amala aşyryldy?
4. Daş-töweregimizdäki adamlardan kimüň gepleşik edebi size makul? Özüňizi dil edebini berjaý edýärin, diýip oýlaýarsyňyzmy?
5. Dil baradaky pähimleriň mazmunyna üns beriň we ýatda saklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA DIKELDILEN TARYHY ÝADYGÄRLIKLER




1. Ýokardaky suratlarda «Hezreti Ymam» toplumy we Şahy Zinda taryhy ýadygärligi görkezilen. Olar barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Siz taryhy ýadygärlikleri we zyýaratgähleri zyýarat etdiňizmi?
3. Şeýle ýerlerde bolanyňyzda nähili duýgulary duýduňyz?

Garaşsyzlyk ýyllarynda ata-Watanymyzyň taryhyny öwrenmäge aýratyn üns berildi. Birinji Prezidentimiz Islam Karimow şeýle diýipdi, «Öz taryhyny bilmeýän, düýnki gününi unudan milletiň geljegi ýok». Garaşsyzlyk sebäpli köp taryhy ýerler, ýadygärlikler dikeldildi, beýik eždatlarymyz jaýlanan ýerler abadanlaşdyryldy.

Beýik eždadymyz Bahaweddin Nagşbendi adamlary gowulyga, halal zähmet çekmäge we gözel ahlakly bolmaga ündäpdir. 1993-nji ýylda ýurdumyzda beýik alymyň doglan gününiň 675 ýyllygy giň bellenildi. Häzir bu şahsyýetiň milli usulda täzeden dikeldilen kümmeti zyýaratçylardan doly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1998-nji ýyl Samarkantda Ymam Buhary doglan gününiň 1225 ýyllygy dabara edildi. Hartaň obasynda Ymam Buhary ýadygärlik toplumy açyldy. Şol ýylda dünýä ylym-biliminiň ösüşine uly goşant goşan eždadymyz Ahmet Ferganynyň doglan gününiň 1200 ýyllygy hem giň bellenildi. Fergana şäherinde Ahmet Fergany adyndaky seýil bagy açylyp, Kuwa şäherinde onuň heýkeli oturdyldy. Şeýle hem, garaşsyzlyk ýyllarynda edermen serkerde Jelaliddin Meňguberdiniň doglan gününiň 800 ýyllygy, «Alpamyş» dessanynyň 1000 ýyllygy bellenildi. Horezmde Jelaliddin Meňguberdiniň, Termizde bolsa Alpamyşyň heýkelleri açyldy. 2000-nji ýylda yslam hukukşynasy Ymam Burhaniddin Marginanynyň doglan gününiň 910 ýyllygy bellenildi. Margilan şäherinde ýadygärlik toplumy gurlup, beýik alymyň simwolik kümmeti açyldy.

2001-nji ýylda Ürgençde «Awesto» kitabynyň 2700 ýyllygyna bagyşlanan dabara, ýubileý bolup, ol ýerde «Awesto» adyndaky ýadygärlik toplumy guruldy.

Dikeldilen zyýaratgähler, ýadygärlikler ata-babalarymyzyň ruhuna hormat nyşanydyr. Milli ruhyýetimiziň ýokarlanmagyna bahasyna ýetip bolmaýan goşant goşan eždatlarymyz bilen buýsanmaga haklydyrys.

### Şuny ýatda saklaň!

**«Awesto»** – Orta Aziýa we gündogar halklarynyň iň gadymky ýazuw ýadygärligi, zarduştylaryň mukaddes kitaby.

**«Alpamyş»** – türki halklaryň iri we gadymy dessany. Onda mertlik, gahrymanlyk, ynsanylyk, haýyrlylyk wasp edilen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýubileý** – beýik şahslaryň doglan gününiň ýa-da mübärek seneleriň giň möçberde bellenmegi. **Kümmet** – arapça (makbara) «gubur» diýen manyny aňladyp, ymarat görnüşli bina. Gadymda meşhur adamlaryň guburlarynyň üstüne gurlan.

## PAÝTAGTA SYÝAHAT

Täze okuw ýyly başlanmazyndan öň Enwerjanyň kakasy:

– Eger ýylyň dowamynda gowy bahalara okasaňyz we edepli bolsaňyz, ýazda sizi syýahata elterin, – diýip wada berdi.

Muny eşiden Enwerjan we jigisi Nadyra yhlasly okamaga girişýärler. Kakasy wada edişi ýaly, ýazky dynç alyşda olar paýtagt şäher – Daşkende maşgala bolup syýahata bardylar. Ilki Garaşsyzlyk meýdanynda seýil etdiler. Enwerjana meýdan daky Ýagşylyk arkasy örän ýakdy, Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumentiniň aşagyna gül goýdular.

«Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumyny zyýarat edip gadagan döwründe gurban bolan eždatlarymyz hakynda örän köp maglumatlary aldylar.

Enwerjan bilen Nadyra Hezreti Ymam toplumyny höwes we haýran galmak bilen tomaşa etdiler. Göge direlýän minaralar olarda guwanç we buýsanç duýgularyny oýardy.

Agşamara Alyşir Nowaýy adyndaky Milli bagda dynç alyp, myhmanhana gelende, Enwerjan kakasyndan sorady:

– Kakajan, Daşkendi aýlanyp boldukmy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE









Kakasy oňa jogap berdi:

– Ýok oglum, paýtagtymyzda üns bererli ýerler, taryhy ýadygärlikler gaty köp, olary aýlanyp çykmak üçin bir hepde azlyk edýär. Ertir sizi Emir Temur alleýasyna, Temuriler taryhy we Özbegistan taryhy döwlet muzeýlerine, haýwanat bagyna elterin. Agşamara sirke tomaşa ederis, bolýamy?

– Gaty gowy bolardy, – diýip bile jogap berdiler Enwerjan bilen Nadyra.

– Ýadyňyzdan çykmasyn, entek teatra hem barmalydyrys, – diýdi enesi.

Enwerjanlaryň maşgalasy Daşkentde bir hepde hezil edip aýlandylar.

Olar syýahatdan yzyna dolanmak bilen Nadyra:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Maňa syýahat örän ýakdy, dostlaryma bu hakda gürrüň edip bererin. Kakajan, indiki ýyl haýsy şähere bararys? – diýip sorady.

– Nesip bolsa, indiki ýyl Samarkanda we Buhara bararys. Adamlar bu gadymy şäherleri tomaşa etmek üçin daşary ýurtlardan gelýärler, näme üçin indi biz barmaly dälmişin? – diýip jogap berdi kakasy.

– Sag boluň, kaka. Biz hem edepli we akylly çaga bolmaga wada berýäris, – diýdiler Enwerjan we Nadyra.

1. Näme üçin Watanymyzyň taryhyny, eždatlaryň mirasyny öwrenýäris?
2. Garaşsyzlyk ýyllarynda dikeldilen haýsy ýadygärlikleri bilýärsiňiz?
3. Zyýarata barmagyň edebi hakynda ulular bilen söhbetleşiň.
4. Özüňiz ýaşaýan çäkdäki zyýarat mesgenleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
5. «Paýtagta syýahat» hekaýasyny okaň. Enwerjanlaryň maşgalasy paýtagtymyzyň haýsy ýerlerinde bolupdyrlar?

## GAÝTALAMAK

Eziz okuwçy! Siz geçen dersleriň dowamynda Özbegistanyň köp milletli ýurtdygyny, onda ähli milletler agzybirlikde ýaşaýandygyny bildiňiz. Şonuň bilen birlikde, parahatçylygyň iň bahasyna ýetip bolmaýan nygtmatdygyny aňdyňyz.

Ýurdumyz gadymy taryha eýe. Eždatlarymyzdan bize baý ruhy we medeni miras galypdyr. Olary gözüň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

göreji ýaly gorap saklamak, baýlaşdyrmak we geljekki nesillere ýetirmek – her birimiziň borjumyzdyr.

Geçen derslerimiziň mazmun-manysy Islam Karimowyň «Yuksak ma'naviyat – yengilmas kuch» kitabyndan alnan aşakdaky bölekde-de öz beýanyny tapyp-dyr: «Ählimize mälim bolşy ýaly, adam özlügine aň ýetirmegi, neslini çuňňurrak bildigi saýyn ýüreginde Watana muhabbet duýgusy kök atyp, barha beýgelýär.

Bu kök näçe çuň bolsa, doglup ösen ýurda bolan söýgi-de şonça ýokary bolýar.

Elbetde, jahan – giň, dünýäde ýurt köp, ýöne bu älemde gaýtalanmaz ene ýurdumyz, Özbegistanymyz ýeke-täkdir. Bu gözel ýurt, bu mukaddes toprak diňe bize bagyşlanandyr. Ynha şu beýik duýgy her birimiziň ýüregimizden ýer alyp, durmuşymyzyň mazmunyna öwrülmegini islärdim.

Taryhy hakykatyň görkezişi ýaly, diňe damarynda milli gujur, Watan yşky joşup duran adam beýik işleri başarýandyr».

1. Parahatçylygy gorap saklamak her bir adamyň borjy. Siz parahatçylygy goramak üçin nämeler etmeli, diýip oýlaýarsyňyz?
2. Halkymyz gadyrlan gymmatlyklar barada aýdyp beriň.
3. Garaşsyzlyk ýyllarynda ruhy we medeni mirasimyzy dikeltmek boýunça nähili işler amala aşyryldy?
4. Nähili adam beýik işleri başarýar?
5. Ýurdumyzdaky gadymy şäher ýa-da taryhy ýadygärliklerden biri barada maglumat toplaň we tekst düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MILLI MIRASYMYZ – BUÝSANJYMYZ






1. Suratlarda nähili amaly sungat görnüşleri görkezilipdir?
2. Eger sizde mümkinçilik bolanda näme ýasamagy öwrenen bolardyňyz?

Örän gadym zamanlarda adamlar güzeran geçirmek üçin zerur bolan enjamlary, aw etmek üçin gural-ýarag ýasamagy ýuwaş-ýuwaşdan özleşdiripdirler.

Adam hemişe gözellige ymtylyp ýaşaýar. Gadymky adam ulanýan guralynyň owadan bolmagyny islänligi üçin ony nagyşlar bilen bezäpdir, güller, suratlar düşürilen, dürli şekil, reňk we öwüşgin beripdirler. Şeýdip ýönekeý enjam ýa-da zatlar sungat eseri derejesini göterilipdir.

Arheologik gazuwlaryň dowamynda tapylan öý-hojalyk enjamlary, şaý-sepler, gural-ýaraglar we dürli zat-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lar ýurdumyzyň çäginde hünärmentçiligiň örän gadymdan ösendigini görkezýär.

Haýran galaýmaly, her bir ýerde ýa-da çäkde hünärmentçiligiň haýsydyr bir görnüşi köpräk ösüpdir. Öndürilen enjamlar we gurallar diňe şu çäge mahsus bolan bezeg we nagyşlar bilen bezelipdir. Meselem, adamyň nähili nusga tahýa ýa-da don geýendigine garap, onuň niredendigini bilmek mümkin bolupdyr.

Geçmişde birmeňzeş hünär bilen meşgullanýan adamlar topbak-topbak, topar-topar bolup ýaşapdyrlar. Şonuň üçin şäherlerde misgärlik, dokmaçylyk, possunçylyk, pyçakçylyk, zergärlik, tahýaçylyk, tamdyrçylyk ýaly mähelleler emele gelipdir.

Babamyz Emir Temur uzak ýurtlardan dürli kär eýelerini we hünärmentleri alyp gelip, ýurdumyzda hünärmentçiligi ösdürmäge goşant goşupdyr.

Margilan älemgoşar reňkli atlasydyr adraslary, Buhara zerdozlyk önümleri, Çust tahýasy we pyçagy, Riştan toýun gap-çanaklary, Samarkant çörekçiligi, Hywa agaç oýup işleýän ussaçylygy we halyçylygy bilen meşhurdyr.

Özbek milli lybaslary gözelligi bilen gözleri guwandyrýar. Atlas, adras, bikasam ýaly matalar tebigy ýüpekden dokalandygy üçin saglyga zyýan ýetirmeýär.

Özbegistanda hünärmentçiligiň iň gadymy we giň ýaýran görnüşi küýzegärçilikdir. Ýurdumyzyň küýzegärleri tarapyndan işlenen küýze, legen, käse, şakäse we başga enjamlar ýokary hilliligi, bezegliligi bilen tapawutlanypdyr. Şeýle enjamlar söwda kerwenleri arkaly başga ýurtlara-da eltilipdir.

Ata-babalarymyz gurluşykda-da özüni görkezipdir. Olar tarapyndan gurlan binalar we ýadygärlikler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dünýäniň adamlaryny henize çenli haýran galdyrýar. Gençkärlik, nakgaşlyk, agaç oýmakärligi ugurlarynda örän uly üstünlikler gazanyldy. Ýurdumyzda miniatýura we hatdatlyk sungaty hem gadymy taryha eýe. Kemaliddin Begzat, Mirak Nakgaş ýaly sungat ussatlarynyň ady bütin dünýäde meşhurdyr.

Bu günki günde ýurdumyzda halk hünärmentçiligini we amaly sungaty ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Paýtagtymyzdaky Döwlet Amaly sungat muzeýinde halk amaly sungatynyň 50-den gowrak görnüşi görkezilýär.

**Miniatýura** – amaly sungatyň bir görnüşi. Gaty näzik işlenen kiçi şekillendiriş sungaty eseri.
**Hatdatlyk** – owadan ýazmak sungaty.
**Arheologik gazuw** – taryhy ýerlerde amala aşyrylýan gözlegler.

## NOWAÝY WE SURATKEŞ

Alyşir Nowaýy öz geýmini üýtgedip bir pakyr ýaş suratkeşiň külbesine gelip, gapysyny kakýar. «Lepbeý» sesini eşidensoň, rugsat sorap içerik girýär. Öýüň içinde şa, ýagny Soltan Hüseýin Baýkaranyň suratyna garanda köpräk özüniň suratyny görýär. Haýran galyp, suratkeşden sorapdyr:

– Bu suratlar kimiňki?

Suratkeş sypaýylyk bilen jogap beripdir:

– Hünärmentleriň atasy Alyşir Nowaýy hezretleriniňki, men häzir ol şahsyýetiň öňünde durun.

Nowaýy diýipdir:

– Näme üçin şu wagta çenli ýanyma barmadyň?

Suratkeş jogap beripdir:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Eger baran bolsam sowgat bererdiňiz. Onda men öz eserlerimi diňe Size satan bolardym. Sebäbi, Siziň suratlaryňyza hyrydar örän köp. Men Siziň merhemetiňizden görä öz zähmetim we hünärim bilen güzeran geçirmegi makul bildim.

Bu geplerden soň Alyşir Nowaýy garyp suratkeşi öz howandarlygyna alýar. Bu ýigit geljekde Gündogaryň beýik suratkeşi bolup tanalan Kemaliddin Begzatdy.

Amaly sungat önümleriniň kim tarapyndan döre-dilýändigini tapyň we depderiňize ýazyň.






1) suratkeş;
2) zergär;
3) dokmaçy;
4) tikinçi;
5) küýzegär;
6) nakgaş;
7) heýkeltaraş.





1. Ýurdumyzda hünärmentçiligiň haýsy görnüşleri ösüpdir?
2. Milli lybaslaryň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz. Olary sanap beriň.
3. Ýaş suratkeş näme üçin Nowaýynyň ýanyna barmandyr?
4. Öz zähmeti bilen halal güzeran geçirmek diýende nämäni düşünýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝURDUMYZDA BELLENÝÄN UMUMYHALK BAÝRAMLAR. MAŞGALA DÄPLERI



1-nji ýanwar

Täze ýyl baýramy



8-nji mart

Aýal-gyzlar güni



21-nji mart

Nowruz umumyhalk baýramy



9-njy maý

Hatyra we hormatlama güni



1-nji sentýabr

Garaşsyzlyk baýramy



1-nji oktýabr

Mugallymlar we terbiýeçiler güni



8-nji dekabr

Konstitusiýa güni



Remezan we Gurban baýramy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baýramlar adamyň durmuşynda möhüm orun tutýar. Şeýle günlerde adamlar birek-birege mähir-şepagat görkezýärler, dostluk uzlaryny baglaýarlar, haýyrly maksadyň we taglymlaryň daşyna jebisleşýärler.

Her bir halkyň söýüp belleýän baýramlary we däp-dessurlary bar. Özbek halky Täze ýyl, Nowruz, Garaşsyzlyk, Mugallymlar we terbiýeçiler, Aýal-gyzlar güni ýaly baýramlary, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilen senäni uly dabara we şadyýanlyk bilen belleýär. Mundan başga-da, ýurdumyzda Oraza we Gurban baýramy ýaly dini baýramlar hem giň bellenýär.

«Baýram – halkyň şatlykly we guwançly günüdir», diýipdi beýik eždatlarymyzdan biri Mahmyt Kaşgarly.

Adamlar örän gadym zamanlarda dürli sebäpler bilen däp-dessurlary geçiripdirler. Soňluk bilen olar baýramlara öwrülipdir.

Meselem, Nowruz baýramy baharky deň günlük, ýagny gündiz bilen gije deň bolupdyr, tebigatyň indi oýanan wagtynda nyşanlanypdyr. Gadym zamanlarda adamlar üçin gyşda yssy ýer, azyk tapmak mesele bolupdyr. Şonuň üçin bahar gelip, günleriň maýlamagy olar üçin uly ähmiýete eýe bolupdyr we bu güni baýram edipdirler. Baýram güni söweşlerdir dawalar, uruşlar bes edilipdir, öýkeleşenler ýaraşypdyrlar, aýplylaryň günäleri geçilipdir..

Halkymyzda nesilden nesle geçip gelýän ajaýyp däpler we maşgala dessurlary hem bar. Bäbege bagyşlanyp bişik toýy, soňluk bilen sünnet toýy, müçe toýy we nika toýy şolara degişlidir. Käbir welaýatlarda bäbegiň çileden çykmagy, saçynyň alynmagy, dişiniň çykmagy, ýöräp başlamagy bilen baglanyşykly dessurlar hem geçirilýär. Şu dessurlar we adatlar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

maşgalanyň pugtalygy, agzybirligi, nesilleriň dowamlylygy üçin hyzmat edýär.





## ULAŞÝANDYR BAÝRAMLAR

**Polat Mömin**

Baramlara baýramlar,
Ulaşýandyr, garaňlar.
Şatlygymyz şol wagtlar,
Aýdym bolup ýaňlanýar.

Baýramlara baýramlar,
Gözelligin saçýandyr.
Gutlag aýdyp adamlar,
Göwünlerin açýandyr.

Baýram bolup bahana,
Ulaşýandyr guwançlar.
Dostlar gülüp dostana,
Artar ýene ynançlar.

Baýramlara baýramlar,
Ulaşýandyr, garaňlar.
Şatlygymyz şol wagtlar,
Aýdym bolup ýaňlanýar.

?!

1. Özbegistanda nähili baýramlar bellenýär?
2. Size köpräk haýsy baýram ýakýar? Näme üçin?
3. Haýsy baýram haýyrlylyk, mähir-şepagat, sahawat nyşany? Jogabyňyzy düşündiriň.
4. Siziň maşgalaňyzda näme däbe öwrülen? Şu hakda ýoldaşlaryňyza aýdyp beriň.
5. Baýramlarda we dabaralarda adam özüni nähili alyp barmaly?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SAZYŇ YNSAN DURMUŞYNDAKY ORNY




Halkara saz bäsleşiginiň ýeňijileri

Aýdym-saza muhabbet adamyň kalbyna ene hüwdüsi bilen siňýär. Bäbek ene hüwdüsiniň täsirinde aram alýar, rahatlanýar.

Gowy saz adamyň ruhyýetine oňyn täsir edip, duýgularyny terbiýeleýär, göwnüni göterýär. Sazyň heňleri adamy oýlanmaga çagyrýar, haýyrlylygy ündeýär. Alyşir Nowaýy şeýle ýazypdy: «Pähim-parasatly sazandanyň ýakymly aýdymy hatda daşgöwün adamy hem özüne çekýär».

Özbegistanda saz sungaty örän gadymdan ösüpdir. Samarkandyň golaýyndaky Möminabat obasyndan 3 müň 300 ýyl öň süňkden ýasalan naý guralynyň tapylandygy munuň subudydyr. Öz döwründe Emir Termur, Alyşir Nowaýy, Zahiriddin Muhammet Babur sazandalara we aýdymçylara howandarlyk edipdirler, öz eserlerinde saz barada gyzykly pikirleri ýazypdyrlar.

Saz adama täsir edip, ony ýokary maksatlara tarap äkidýär. Ýurdumyzyň senasyny diňlänimizde kalbymyz guwançdyr buýsançdan dolýar. Sportçylarymyz dünýä meýdanlarynda ýeňiji bolanlarynda-da Özbegistanyň baýdagy galdyrylyp, senamyz ýaňlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Özbek we dünýä saz sungatynyň görnükli wekilleri


Ýunus Rajaby


Muhtar Aşrafi


Mutal Burhanow


Iogann Sebastýan Bah


Wolfgang Amadeý Mosart


Lýudwig wan Bethowen

Gadymda söweşijiler söweşiň öňünden nagara, kernaý-surnaý çalyp ruhlandyrylypdyr. Sazyň heňi olaryň kalbynda ene-Watana bolan söýgini joşdurypdyr.

Adamyň durmuşyndaky iň guwançly gün – toý hem aýdym-saz bilen ajaýypdyr. Bu gün adamlar aýdym aýdyp, tahsa düşüp, dertdir gamlaryny unudýarlar.

Umumyhalk baýramlarynda ýerine ýetirilýän aýdym-sazlar bolsa halky raýdaşlyga ündeýär.

Toýdur dabaralar, baýramlar we göwün göteriji çäreler milli saz gurallarynyň ýaňy bilen has-da gyzykly bolýar. Deprek, çeň, dutar, tanbur, rubap, gyjak, naý, kerneý, surnaý ýaly milli saz gurallary arka-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ly ýaňlanýan heňler adamyň ýüreginiň törüne ýetip barýar.

Pianino, organ, skripka, akkordeon, wiolonçel, fleýta, klarnet ýaly dünýä halklarynyň saz gurallaryndan ýaňlanýan ýakymly sazlar hem adamyň ruhyýetine aram bagyşlap, kalbyny gözelliklere büreýär.

Ýurdumyzda saz sungatyny ösdürmek üçin dürli bäsleşikler, saz maslahatlary geçirilýär. «Ýangi awlod» çagalar festiwaly, «Nihol» bäsleşigi, «Şark taronalary» halkara saz festiwaly şolara degişlidir. Şonuň ýaly-da, çagalar saz we sungat mekdepleri abatlanyp, saz gurallary we enjamlar bilen üpjün edilýär.

**Tapmaçalaryň jogabyny tapyň.**

Iki süýüm saçy bar,
Boýny bilen barabar.
Başsyzdyr bar gulagy,
Ol şatlygyň ýoldaşy.

Elde oýnar iki çöp,
Sim tarlary örän köp.

Özi diýseň has kiçi
Sesi äleme ýetdi.

Boýy pesejik taýagym,
Ýeňil guşdek taýagym,
Deşiginden üflesem,
Çalar sykylyk taýagym.

1. Özbegistanyň çäginde saz medeniýeti haçandan ösüp başlapdyr?
2. Ýakymly saz adama nähili täsir edýär?
3. Dünýä halklarynyň saz gurallaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz? Olar gatnaşmagynda saz diňlediňizmi?
4. Ata-enäňiziň kömeginde özbek milli sazlarynyň atlaryny depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝURDUMYZYŇ ÇÄKLERINDÄKI AÝDYMÇYLYK SUNGATYNYŇ ÖZBOLUŞLYLYGY

Eger adamyň gulagy ýeňil-ýelpaý, pytraňňy heňlere öwrenişse, bara-bara onuň çeper datynyň, saz medeniýetiniň peseljekdigi, onuň ruhy älemini galp düşünjeleriň eýelejekdigi anyk.

Ýurdumyzda aýdymçylyk sungaty hem uzak taryha eýe. Gadymky adamlar zähmet çekmek prosesinde ýerine ýetirýän iş görnüşlerine manydaş aýdymlary dokap, aýdypdyrlar. Şu arkaly olar özlerine ruhy medet beripdirler, göwünlerini göteripdirler. Iň gadymky aýdymlar Mahmyt Kaşgarlynyň «Dewonu lugatit-türk» eserinde getirilip, olar «ir» ýa-da «jir» diýlip atlandyrylypdyr.

Ata-babalarymyz hüwdi, olan, leper, ýar-ýar, tirme, aýdyşyklary söýüp ýerine ýetiripdirler, hezil edip diňläpdirler. Bagşylar bolsa «Alpamyş», «Görogly» ýaly dessanlary toýdur baýramlarda gopuz ýa-da dombyra çalyp, ýatdan ýerine ýetiripdirler. Käbir aýdymlar deprek, dutar ýa-da tanbur ýaly saz gurallary goşulyp aýdylypdyr.

Gowy aýdym we saz adamyň ruhyýetine keýp bagyşlaýar, nerwi rahatlandyryp, hatyrany pugtalandyrýar. Şonuň üçin Ibn Sina käbir keselleri sazyň kömeginde bejeripdir. Watan we Watanperwerlik temasyndaky aýdymlar bolsa adamy tolgundyrýar, ýokary maksatlara tarap çagyrýar, ýurduň gülläp ösmegi üçin hyzmat hyzmat etmäge ündeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistanyň her bir çäginde aýdymçylyk sungaty özboluşly terzde ösüpdir. Horezm oazisinde döredilen aýdymlar tanslylygy, joşgunlylygy bilen tapawutlanýar. «Lezgi» çalnanda tansa düşmedik adam galmaýar diýen ýaly. Fergana jülgesinde bolsa «Aman ýar», «Tanowar» ýaly aýdym we sazlar däbe öwrülipdir. Tarelka bilen ýerine ýetirilýän uly aýdymlary aýtmak üçin bolsa güýçli ses we aýratyn talant talap edilipdir. Ýurdumyzda aýdymçylygyň we sazyň reňbe-reňligi özbek sungatynyň baýlygyny delillendirýär. Daşary ýurtlarda özbek milli sazlary, aýdym we tanslaryna gyzyklanma güýçli.

Özbek aýdym-saz sungatyny ösdürmekde Ýunus Rajabi, Togtasyn Jelilow, Ganijan Taşmatow, Mutal Burhanow, Süleýman Ýudakow, Awaz Mansurow, Dilorom Amanullaýewa ýaly kompozitorlaryň hyzmatlary uly.

Şu günki günde galmagaldyr gykylyklardan ybarat ýeňil sazlar we aýdymlar hem peýda bolýar. Olar adama, aýratynam, ýaşlaryň ruhyýetine erbet täsir edýär, saglyk üçin zyýanly. Hünärmenler şeýle sazlary diňlän çagalaryň hatyrasy kütelip, zehni ýuwaş-ýuwaşdan peselýändigini subut etdiler.

Saz saýlamak we ony diňlemek edebi hem adamyň medeniýetini kesgitleýär.

## HEŇIŇ JADYSY

Gündogaryň beýik akyldary Abu Nasyr Faraby saz ylmynyň ösmegine-de uly goşant goşupdyr. Bir güni ol Damaskyň Emiri Saýfuddawlanyň huzuryna gelýär. Emir mutribdir maşşaklary çagyrdýar. Çagyrdy-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lan sazandalar haýsy sazy çalsa, Abu Nasyr olaryň ýalňyşyny aýdyp durupdyr. Muny gören Emir:

– Saz sungatyndan hem habaryňyz barmy? – diýip sorapdyr.

– Hawa, - diýipdir Abu Nasyr we torbasyny açyp, ondan birnäçe çöp alypdyr.

Çöpleri bir-birine çatyp indi başlapdy welin, döwrede oturanlar özlerini saklap bilmän gülüp başlapdyrlar. Soň alym şol çöpleri başgaça edip birikdirip çalanda bolsa, ýygnananlar aglap başlapdyrlar. Alym çöpleri başgaça tertibe salyp çalypdyr, şonda Emirden çekip derwezeçä çenli hemmesi duran ýerinde butnamak uka gidipdirler. Abu Nasyr bolsa pursatdan peýdalanyp köşkden çykyp gidipdir.

Rowaýatlara görä kanun diýen saz guralyny Abu Nasyr Faraby oýlap tapypdyr.

**Mutribdir maşşaklar** – aýdymçylar we sazandalar.
**Kanun (çeň)** – Gündogar halklarynyň arasynda giň ýaýran saz guraly.

1. Gowy aýdym we saz adama nähili täsir edýär?
2. Siz nähili aýdymlary söýüp diňleýärsiňiz?
3. «Heňiň jadysy» tekstini üns berip okaň. Bir guralyň kömeginde ýerine ýetirilen sazlar näme üçin adamlara dürlüçe täsir etdi?
4. Aýdym we saz diňlemegiň edebi hakynda pikir ýörediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KONSTITUSIÝAMYZ – BAGTYMYZYŇ BINÝADY

Konstitusiýa döwletiň durmuş we syýasy ulgamyny, döwlet organlarynyň guralyşyny we işini, raýatlaryň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän esasy kanunydyr. Bir söz bilen aýdanda, Konstitusiýa durmuşymyzy hukuk taýdan kadalaşdyrýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy 1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda kabul edildi. Ol 6 bölüm 26 bap 128 maddadan ybarat.

Raýatlar, şol sanda, çagalaryň hukuklary we azatlyklary Konstitusiýamyzyň ikinji bölüminde bellenendir.

**Konstitusiýa** – latynça «konstitutio» – «gurluş», «tertip» sözlerinden alnan bolup, «kesgitleýärin», «tassyklaýaryn» diýen manylary aňladýar.

Konstitusiýada çagalaryň bilim almak hukugy hem kepillendirililen. 41-nji maddada «Her kim bilim almak hukugyna eýe. Mugt umumy tälim almak döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Mekdep işleri döwletiň gözegçiligindedir», diýilýär.

Döwletimiz ýaş nesliň çuňňur bilim almagy üçin hemişe gamhorlyk edýär. Muny soňky ýyllarda täze gurlan we abatlanan döwrebap mekdepleriň mysalynda görmek mümkin. Bu gün biz tälim alýan mesgenler her taraplaýyn amatly, oňaýly we ýagty, ähli zerur okuw enjamlary we kompýuterler bilen üpjün edilen.

Biziň Konstitusiýamyz iň ynsanperwer we adalatperwer kanundyr. Onda öz hukugyny gorap bilmeýän adamlaryň bähbitleri hem doly kepillendirililen. 45-nji



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

maddada «Kämillik ýaşyna ýetmedikler, zähmete ýaramsyzlar we ýalňyz garrylaryň hukuklary döwlet goragyndadyr», diýlip ýazylyp goýlan.

2008-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň «Çaga hukuklarynyň kepilleri baradaky» Kanuny kabul edildi. Şu kanunda hem çagalaryň hukuklary doly kepillendirililen.

## BAGT KAMUSY

**Kambar Ata**

Watanymy gülleder
Garaşsyzlyk ziýasy.
Halky bagtyýar eder
Erk, adalatlyk dünýäsi.

Azat ýurdumda meniň
Konstitusiýam – bagtym.
Watana sadyk bolup
Ösmek ýürek arzuwym.

Hemmeleriň hak-hukugy
Anyk beýan edilen.
Halal ýaşamak ýoly
Kanun edip ýazylan.

Hemişe goragynda
Adam buýsanç, namysy.
Ýaşasyn garaşsyzlyk
Döreden bagt kamusy.

1. Konstitusiýa sözi nähili manylary aňladýar?
2. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy haçan kabul edilen?
3. Konstitusiýada kesgitlenen nähili hukuklaryňyzdan peýdalanýarsyňyz?
4. Bu gün ýurdumyzda çagalaryň bagtly ýaşamagy, bilim almagy üçin döredilen şertler barada aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BIZIŇ HUKUKLARYMYZ WE BORÇLARYMYZ. KADA-KANUN, TERTIP DÜŞÜNJELERI









?! Suratlarda çagalar nähili hukuklaryndan peýdalanýarlar?

Özbegistan Respublikasynyň ähli raýatlary kanun öňünde deňdirler. Her birimiz özümize berlen hukuk we azatlyklardan peýdalananymyzda başga şahslaryň, döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerine, hukuk we azatlyklaryna putur ýetirmeli däldiris. Meselem, her bir raýat dynç alyş hukugyna eýe. Hemme dynç alýan wagtynda galmagal etmek, belent sesde saz diňlemek özgeleriň dynç alyş hukugyny bozmak hasaplanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistan Respublikasynyň raýatlary ýaşamak, bir ýerden ikinji ýere göçmek, erkin pikirlenme, geplemek we islän dinine uýmak hukugyna eýe. Her bir adam zähmet çekmek, erkin kär saýlamak, dynç alyş hukugyna eýe. Ýurdumyzyň raýatlarynyň hünärli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak, mugt tälim almak hukugy kanun ýoly bilen kesgitlenendir.





Her birimiz berlen hukuklardan we azatlyklardan peýdalanmak bilen birlikde, borçlarymyzy hem bilmelidiris. Konstitusiýanyň 11-nji babynda raýatlaryň borjy beýan edilen. Onda her bir adam başga adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, gadyr-gymmatyny hormat etmäge mejburdygy bellenen.

Halkymyzyň taryhy, ruhy we medeni ýadygärliklerini aýawly gorap saklamak her bir Özbegistan raýatynyň borjudyr. Şonuň ýaly-da, daşky gurşawy hapalamaly däl, tebigata seresaply gatnaşykda bolmalydyrys.

Ene-Watany goramak, parahatçylygyny üpjün etmäge goşant goşmak her birimiziň hormatly wezipämiz we borjumyzdyr.

Dünýäde hemme zat tertip esasynda gurlandyr. Meselem, uly köçede barýan awtoulaglaryň hereketini göz öňüne getiriň. Ýol ikä bölünen we ulaglaryň öz ugry boýunça hereket etmegi berk bellenip goýlandyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eger ulaglar tertipsiz hereket etse, heläkçilik peýda bolýar. Jemgyýet hem edil şeýle tertip-kadalar esasynda ýaşaýar, ösýär. Nirede tertip bolmasa, şol ýerde bozulyş, birahatlyk bolýar. Diýmek, adamlaryň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salyp durmak üçin hem pugta kanun-kadalar gerek. Şu tarapdan alyp seretsek, Konstitusiýany jemgyýeti tertibe salyp durýan kadalar toplumy diýmek mümkin.

| **Özbegistanyň raýatlarynyň hukuklary we azatlyklary** | **Özbegistanyň raýatlarynyň borçlary** |
|---|---|
| Zähmet çekmek, erkin kär saýlamak | Konstitusiýa we kanunlara amal etmek |
| Dynç alyş | Başga adamlary hormat etmek |
| Pikirlenme, söz we ygtykat azatlygy | Taryhy, ruhy we medeni miraslary gorap saklamak |
| Mugt tälim almak | Daşky gurşawa seresaply gatnaşykda bolmak |
| Hünärli lumançylyk hyzmatdan peýdalanmak | Ene-Watany goramak, harby gullugy berjaý etmek |

1. Özbegistan Respublikasynyň raýatlary nähili hukuklara we azatlyklara eýe?
2. Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň borçlary nämelerden ybarat?
3. Tertip näme? Düzgün-nyzam bolmadyk ýerde nähili ýagdaý ýüze çykýar?
4. Siz tebigaty we daşky gurşawy goramak üçin men näme etmeli, diýip oýlaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## BIZ ÖZBEGISTANYŇ RAÝATLARYDYRYS




Biz Özbegistan döwletiniň raýatlarydyrys. Raýat diýende belli bir döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan adamlar düşünilýär. Her bir döwlet öz raýatlaryny goraýar, olaryň erkin ýaşamagy, bilim almagy we zähmet çekmegi üçin şert döredýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döwlet uly çäkde durmuşy dogry guraýan, tertibe salýan hem-de ony dolandyrýan gurluşlardyr. Bu gurluşlara umumy at bilen döwlet häkimiýeti diýilýär.

Ýer ýüzünde döwletler gadymdan bolupdyr. Her bir döwlet özüniň dolandyryş ulgamyna eýe.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi **kanun çykaryjy häkimiýeti** amala aşyrýar. Kanunlar halkyň erk-islegini hasaba almak bilen, deputatlar tarapyndan işlenip çykylýar.

Ata-enelerimiz ir bilen turup «Saýlawa baryp geleris», diýende hut ine şu deputatlary saýlap gelýärler. Deputatlar halkyň ynamly wekilleridir.

Kabul edilen kanun-kadalary durmuşa ornaşdyrmak bilen **ýerine ýetiriji häkimiýet** meşgullanýar.

**Sud häkimiýeti** kanun esasynda adalatly seljermäni amala aşyrýar. Adamlaryň hak-hukuklaryny goramak sud häkimiýetiniň wezipesidir.

Şeýdip, döwlet häkimiýeti jemgyýetçilik durmuşyny kadalaşdyrýar we oňa gözegçilik edýär. Döwleti dolandyrmak işine Prezident ýolbaşçylyk edýär. Prezident döwlet baştutanydyr.

Özbegistanda döwleti dolandyrmak halk bähbidinden gelip çykmak bilen amala aşyrylýar.

1. Döwlet diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Döwleti dolandyrmakda kimiň erk-islegleri we bähbitleri hasaba alynýar?
3. Ata-eneňizden saýlawyň nämedigi barada soraň. Saýlawda kimleriň gatnaşmagy mümkin eken?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBAŞDAK OKAMAK ÜÇIN

### ENEJANLAR BIŞIK ÜWRESIN

Dünýäde bäbek üçin iň howpsuz we aram beriji ýer bişikdir. Şonuň bilen birlikde, bişik halk amaly sungatynyň gözel nusgasy hasaplanýar. Ony eli gül ökde agaç ussalary ýasaýarlar.

Bişik pugta we saglyk üçin peýdaly bolan tal we tut daragtlarynyň agajyndan ýasalýar. Ussalar bişigiň agaçlaryna dürli nagyşlary işleýärler, dürli boýag we reňkler bilen öwüşgin berýärler. Bu çaganyň gözlerini begendirýär, rahatlandyryp, gözelligi duýmagy öwredýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tal we tut daragtlarynyň agajy örän pugta bolany üçin ony ýonmak, ýylmamak, ýuka halyna getirmek, nagyş işlemek aňsat iş däl. Ynha şeýle çylşyrymly işi ussatlyk bilen hötdesinden gelendikleri üçin amaly sungat ussalarynyň zähmetine sag bol diýesiň gelýär.

Ussalaryň elinden çykan nagyşly bişigi mamalarymyz we ene-janlarymyz ýasatdyrýarlar. Bişik üçin körpeçeler, elbag, ýassyjak we ýapynjalar tikýärler.

Enejanlar bişik üwräp, perzendine hüwdi aýdýarlar. Hüwdüde olar perzendiniň önüp-ösmegini, geljekde gowy ynsan bolmagyny aýdym edip aýdyp, iň gowy niýetlerini beýan edýärler.

Halkymyz tarapyndan maşgalada bäbek dünýä inmegi mynasybetli bişik toýy geçirilýär. Bäbegiň mamasy agtygym sagdyn önüp-össün, diýip owadan edip ýasalan bişik alyp gelýär. Şu güni ähli bäbek we onuň ata-enesine gowy dilegler edilýär, çagajyklar şatlanyp oýnaýarlar.

1. Siziň öýüňizde amaly sungatyň haýsy görnüşine degişli enjamlar bar?
2. Hüwdi çaga nähili täsir edýär?
3. Bişik toýy däbi hakynda aýdyp beriň. Siz hem bişik toýunda gatnaşdyňyzmy? Bişik toýuň galdyran täsirlerini aýdyp beriň.
4. Konstitusiýamyzy öwrenmek bilen siz nähili hukuklaryňyzy we borçlaryňyzy bildiňiz?
5. Özbegistanda döwlet dolandyryşy nähili tertipde amala aşyrylýar?
6. Mekdebiňizde geçirilen nähili çärelerde gatnaşdyňyz? Çäräniň haýsy taraplary size ýakdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÝURT PARAHATÇYLYGY ÜÇIN ÄHLIMIZ JOGAPKÄRDIRIS





?!

Aşakdaky soraga jogap bermek bilen pikiri dowam etdiriň.

Näme üçin parahatçylygy gorap saklamaly? Çünki...

Parahatçylyk – bahasyna ýetip bolmaýan nygmat. Parahatçylyk bar ýerde ösüş, rowaçlyk bolýar. Biziň abat durmuşymyz, bagtly çagalygymyz, döwrebap mekdeplerde bilim almagymyz, özümizi gyzyklandyrýan sport görnüşleri bilen meşgullanmagymyz parahatçylyk sebäplidir.

Özbek halky parahatçylyk söýüji halk. Çünki halkymyz parahatçylygyň nähili gadyrlydygyny gowy bilýär. Ata-babalarymyz «Ýurduň dynç – sen dynç», diýip ýöne ýere aýtmandyrlar.

Urşuň elhençligini, jebir-sütemlerini baba we mamalarymyzdan eşidensiňiz, kinofilmlerde görensiňiz. Ikin-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ji jahan urşy döwründe juwan ýigitler we işe ýaramly erkekler urşa gidipdirler. Ekin meýdanlarynda, zawod-fabriklerdäki agyr zähmet garrylaryň, aýallaryň we çagalaryň gerdenine düşüpdi. Uruşda millionlarça adamlar gurban bolupdyr.

Şu günki günde dünýäniň käbir ýurtlarynda bolýan erbet wakalar her birimizi hüşgärlige ündemelidir. Birahat ýurtlarda ýaşaýan ýaşytdaşlarymyzyň garny çörekden doýmaýar, egin-eşikleri ýuka, ýaşamak üçin hatda penasy-da ýok. Olaryň durmuşy hemişe hiwp astynda. Çagalar mekdeplerde bilim almagyň ýerine garnyny doýurmak, janyny saklap galmak üçin göreşýärler. Şeýle wakalar asuda durmuşymyzyň gadyryna ýetmelidigimizi ýatladyp durýar.

Öz göbek gany daman, ata-babalary jaý-lanan ene-ýurdy dünýäde deňsiz, mukaddes Watan diýip hasaplaýan adamyň maksatlary anyk, gujury we buýsanjy ýokary bolýar.

Gynansak-da, biziň bagtly we bolelin durmuşymyzy görüp bilmeýän, ony bozmaga dyrjaşýan ýowuz niýetli güýçler hem ýok däl. Olar dürli ýollar, aldawlar arkaly aňymyzy zäherlemekçi bolýarlar. Şeýle kimseleriň gysajyna köpräk bilimsiz, dünýägaraýşy dar ýaşlar düşüp galýarlar.

Biziň üçin iň golaý dost ata-enemiz, mugallymlarymyzdyr. Olardan hiç zady gizlemeli däldiris, her bir işi olar bilen maslahatlaşyp etmelidiris. Ýaman niýetli adamlaryň duzagyna çolaşmazlyk üçin bolsa gowy okamalydyrys, mugallymlarymyzyň we ata-enemiziň aýdanlaryny elmydama berjaý etmelidiris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AKYL BABANYŇ NESIHATLARY

Öz Watanyny söýmedik adam – ýaman adam. Kimde-kim öz ene-diýarynyň topragydyr, akar suwlaryny, adamsyz çölleridir, düzlüklerini ýürekden söýse, ol kem bolmaýar. Zowal görmän, kemal tapýar. Ykmanda bolsa halkyň gahar-gazabyna duçar bolan adamdyr. Wagty gelip oňa hatda bir parça ýer hem, köpün hem buýurmaýar. Bir gysym ene ýer topragy bir owuç altyndan gymmat, diýip ýöne ýere aýtmandyrlar.

* * *

Danyşmentden sorapdyrlar:

– Siziň üçin iň beýik we eziz zat näme?

– Watan, – diýip jogap beripdip ol.

– Näme üçin?

– Sebäbi şu ýer, şu toprak men doglup ösen, göbek ganym daman ýer. Şu ýeriň duzuny dadyp, suwuny içip, howasyndan dem alyp, ulaldym, kemal tapdym. Şonuň üçin ol meni dünýä getirip, terbiýeläp ulaldan enem ýaly mukaddesdir.

Enäni Watana, Watany enä deňeşdirmegiň sebäbide ine şonda.

1. Ýurtda birahatlyk bolsa, adamlaryň durmuşy nähili geçer, diýip pikir edýärsiňiz?
2. Ata-eneňizden, babaňyzdan ýa-da mamaňyzdan parahatçylygyň gadyry hakyndaky durmuş wakalaryndan aýdyp bermegini haýyş ediň we mazmunyny depderiňize ýazyň.
3. Dynç-asuda durmuşy gorap saklamak üçin biz näme etmeli?
4. Näme üçin Watan enä deňeşdirilýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BIZIŇ ARMIÝA



1. Watany kimler goraýar?
2. Watan sakçysy – esger nähili bolmaly?

Her bir ýurt howpsuzlygyny üpjün etmek, parahatçylygyny saklamak üçin öz armiýasyny düzýär. Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri 1992-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda döredildi. Şonuň üçin her ýyl 14-nji ýanwary «Watan goragçylary güni» hökmünde belleýäris.

Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri Gury ýerdäki goşunlar, Howa hüjüminden goranyş goşunlary, Harby Howa güýçleri, Mahsus goşunlar, Serhet goşunlary we başga harby gurluşlardan düzülen. Şundan görnüşi ýaly, biziň armiýamyz ýurdumyzy her taraplaýyn ynamly gorap bilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Garaşsyzlyk ýyllarynda armiýamyz her taraplaýyn kämilleşdirildi. Armiýa iň döwrebap gural-ýaraglar, harby tehnika we esbap-enjamlar bilen üpjün edildi, esgerler üçin ähli şertler döredildi.

Armiýada göreldeli gulluk eden esgerlere ýokary okuw edaralaryna kabul edilende belli bir ýeňillikler berilýär.

Harby sungat ýurdumyzda örän gadym zamanlardan bäri ösen. Jelaliddin Meňguberdi, Emir Temur, Babur ýaly eždatlarymyz goşun düzmek we ony dolandyrmak işini, harby söweş sungatyny pugta eýeläpdiler. Emir Temur goşun düzüp, nöker almakda ýigitleriň güýç-gaýratyna, çalasynlygyna we edermenligine, akyl-parasatyna üns beripdir.



Gujagynda ösdürip ulaldan, gowy bilim almagymyz, sagdyn kemala gelmegimiz üçin aladalanan ene-Watana gulluk etmek biz – ýaşlaryň şöhratly borjumyzdyr. Munuň üçin ählimiz tüýs ýürekden bil baglamalydyrys. Yzygider sport bilen meşgullanyp taplanmalydyrys, ylymlary çuňňur özleşdirmelidiris, dünýägaraýşymyzy giňeltmelidiris, dil öwrenmelidiris. Ine diňe şonda biz hakyky ýurduň sakçysy bolarys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# WATAN SAKÇYSY BOLAÝYN

**Mukim Kadyr**

Köne Hywa şäherinde
Gulluk edýändir agam.
Düýn ondan hat aldyk,
Iberipdir surat hem.
Esgerligiň geýimi
Ýaraşypdyr oňa hop.
Üsti başy arassa,
Döşünde nyşany köp.
Serhetçi eken agam
Serhet goraýar hüşgär.
Agam parahatlyk sakçysy
Diýdi doganym Dildar.
Suratyna bakyp men
Höwes etdim agama.
Ulalyp, edermen sakçy
Bolaýyn menem Watana.



1. Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri haçan döredildi?
2. Harby sungaty çuňňur eýelän eždatlarymyzdan kimleri bilýärsiňiz?
3. Emir Temur goşun düzmekde we nöker saýlamakda nämelere üns beripdir?
4. Uly bolanyňyzda armiýada gulluk etmegi isleýär-siňizmi? Munuň üçin häzirden nähili taýýarlyk görmeli?
5. Siziň pikiriňizçe, ene-Watanyň goragy üçin kimler jogapkär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# SAGDYN DURMUŞ TERZI

Her bir ynsan hünärli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak hukugyna eýe.

**40-njy madda**





Beýik hekim Ibn Sinanyň nygtaýşy ýaly, adamyň näçe ömür görmegi onuň özüne bagly. Sagdyn bolmak üçin adam gündelik durmuşda ençeme kadalara amal etmelidir. Ertirki bedenterbiýe, seýil etmek, dogry iýmitlenmek, dynç alyş, sport bilen meşgullanmak, arassaçylygy berjaý etmek sagdyn bolmak we uzak ömür görmegiň esasy şertleridir.

Saglygy saklamakda dogry iýmitlenmek möhüm ähmiýete eýe. Lukmançylyk ylmynyň halypalaryndan biri bolan Gippokrat «Biziň iýmitimiz – biziň däri-dermanymyz», diýip ýöne ýere aýtmandyr.

Biz bedenimiz üçin zerur bolan güýç-kuwwaty we derman-därileri iýmit arkaly alýarys. Düzüminde ýod maddasy kem önümleri yzygider iýibersek, tiz ýadaýan, gaharjaň, kemhereket bolup galmagymyz mümkin. Demir maddasyna baý iýmitleri kem iýmek netijesinde bolsa adam azganly, keselbent, gowşak nerwli bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gadymda Gündogar tebipçiligňde keselleri ilki bilen iýmit bilen bejermäge synanyşypdyrlar. Diňe iýmitden bejerip bolmadyk halatlarynda däri-derman we başga lukmançylyk bejergiler buýrulypdyr.

Adamyň bedeni sagdyn bolsa, ol ruhubelent bolýar. Okuwy bäşlik, işi-de önümli bolýar. Geliň, ýeri gelende Samad bilen Röwşeniň gün tertibini gözden geçireliň.

## Samadyň gün tertibi

Samad gaty ynjyk we kesir oglan. Ol her gün ýarym gijä çenli telewizor tomaşa edýär. Ir bilen bolsa ir turmagy halamaýar. Zordan ýerinden turup, çala-çula ýuwunýar. Käte ertirlik edinmäge-de ýetişmeýär, aç bolup mekdebe ugraýar. Derslerde pallap, lenç halatda oturýar. Mugallymynyň aýdanlary gulagyna girmeýär. Mekdepden geldigi derrew köçä okdurylýar. Samadyň her güni şu ýagdaýda geçýär. Şu sebäpli-de onuň reňki bozuk, işdäsiz, predmetleri özleşdiriş derejesi-de pes.

## Röwşeniň gün tertibi

Röwşen bolsa gün tertibine berk amal edýär. Ol öz wagtynda uklaýar. Ir bilen ir turup, bedenterbiýe bilen meşgullanýar. Dişlerini arassalap, gowuja ýuwunýar. Enesi taýýarlan ertirligi işdämenlik bilen iýip, mekdebe ugraýar. Derslerde hüşgär oturýar, mugallymynyň soraglaryna jogap berýär, ýumuşlary ýerine ýetirýär. Mekdepden gelip, enesine kömekleşýär. Mähelledäki göreş sport gurnagyna baryp, ýoldaşlary bilen bile maşk edýär. Öz wagtynda naharlanyp, derslerini taýýarlaýar.

Eziz okuwçy, Samad bilen Röwşeniň gün tertibinden özüňiz degişli netije çykararsyňyz diýip oýlaýarys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HEZIL EDIP MAŞK EDÝÄRIS

**Polat Mömin**

Aga-ini bolup jem,
Geýnişimizde has ykjam,
Biz her güni ir säherde –
Maşk edýäris dürli heňde.
Sagdynlyga ymtylýarys,
Hezil edip maşk edýäris.
Çar tarapa ylgaýarys,
Köp maşklara ýetişýäris.
Özümizi erkin tutup,
Dem alýarys doýup-doýup.
Sagdynlyga ymtylýarys,
Hezil edip maşk edýäris.
Kä oturyp, kä ýatyp,
Her tarapa pökgi atyp,
Dogry, biraz ýadarys,
Derläris – çydarys.
Sagdynlyga ymtylýarys,
Hezil edip maşk edýäris.



1. Sagyn bolamak üçin nämelere üns bermeli?
2. Dogry we tertipli iýmitlenmegiň adamyň saglygyndaky orny hakynda aýdyp beriň.
3. Siz sagdyn durmuş terzine amal edýärin, diýip oýlaýarsyňyzmy? Haýsy adatlaryňyz saglygyňyz üçin peýdaly, haýsy biri zyýanly?
4. Gün tertibiňiz hakynda tekst düzüň. Sagdyn bolmak üçin ýene nämelere üns bermegiňiz gerekdigi hakynda pikir ýörediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ENELIK WE ÇAGALYK DÖWLET GORAGYNDA

Perzentler ata-eneleriniň gelip çykyşyna we raýatlyk halatyna seretmezden, kanunyň öňünde deňdirler.

Enelik we çagalyk döwlet tarapyndan goralýar.

**65-nji madda**





Her bir halk perzentleriniň beden taýdan sagdyn, many taýdan kämil bolup kemala gelmegini isleýär.

Özbegistanda çaga entek ol dogulmanka gamhorlyk edilýär. Her bir welaýatda we tümenlerde guralan ýörite lukmançylyk merkezlerinde ene we çaga saglygyna yzygider gözegçilik edilýär.

Ýaş nesliň terbiýesine we saglygyna uly üns berilýändigini ýurdumyzda ýyllaryň aşakdaky ýaly atlandyrylanlygyndan hem bilmek mumkin:

1998-nji ýyl – «Maşgala ýyly»
2001-nji ýyl – «Ene we çaga ýyly»
2008-nji ýyl – «Ýaşlar ýyly»
2010-njy ýyl – «Kämil nesil ýyly»
2012-nji ýyl – «Pugta maşgala ýyly»
2014-nji ýyl – «Sagdyn çaga ýyly»



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2016-njy ýyl – «Sagdyn ene we sagdyn çaga ýyly»





Dürli kesellere garşy sançmak çäreleri çagalaryň saglygy üçin zerur. Doglan wagtymyzdan şu güne çenli her birimizde birnäçe gezek sanjym geçirilipdir. Bu kesel bolmagynyň öňüni almak üçin möhüm.

Mundan başga-da, her bir okuwçynyň saglygy mekdep şepagat uýalarynyň we maşgala poliklinika lukmanlarynyň gözegçiligine alnandyr. Çagalaryň sagdyn ösmekleri üçin mekdeplerde bedenterbiýe dersleri girizilen. Çagalarda özleri islän sport gurnagyna gatnaşmak mümkinçiligi bar.

Mekdep okuwçylarylarynyň arasynda geçirilýän däbe öwrülen «Umid nihollari» sport ýaryşlary ogllan-gyzlaryň beden taýdan sagdyn, ruhy taýdan ruhubelent bolup kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýe.

## SAG-AMANLYK – TÜMEN BAÝLYK

Geçen zamanda bir garyp ýigit danyşment gojanyň ýanyna gelip:

— Ata, iýmäge çöregim, geýmäge geýmim ýok. Gaty kösendim, näme etjegimi bilmän galdym. Indi nirä baryp dadymy aýtsamkam? – diýip zaryn çekipdir.

Goja oňa siňe seredip durupdyr-da, diýipdir:

– Bolýa, sen maňa sag eliňi sat, näçe pul bereýin?

– Ýok, sag elim özüme gerek, satmaryn, – diýip jogap gaýtarypdyr haýran bolan ýigit.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Bolmasa sag gözüňi sat.

– Näme üçin indi gözümi satmalymyşyn? Ol entek maňa gerek, – diýipdir ýigit.

Goja şeýdip ýigidiň beden agzalaryny ýekän-ýekän sat diýip aýdyp geçipdir. Ýigit bolsa ýok diýen jogaby gaýtalaberipdir. Şonda goja ýigide:

– Dört müçäň sag eken durmuşdan näme nalaýaň? Sag amanlyk – tümen baýlyk ahyryn! Sag-salamat bolsaň, eliňden her işi ýerine ýetirmek gelýär, günuň geçýär. Sen gowusy, ýaltaçylygyňy goý-da, zähmet çek, – diýip maslahat beripdir.

## SAGLYK ISLESEŇ

**Obid Rasul**

Saglyk isleýän her kim,
Irinmän daňdan her gün.
Etse bedenterbiýe,
Örän oňat terbiýe.
Damarlarda joşup gan,

Ýaýrap gider endam-jan.
Öz wagtynda çaý-tagam,
Şirin söz – şirin kelam.
Halal zähmet, çakganlyk,
Getirer tümen baýlyk.

?!

1. Sagdyn nesil diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Ýurdumyzda eneligi we çagalygy goramak barasynda nähili işler amala aşyrylýar?
3. Siz haýsy sport gurnagyna gatnaşýarsyňyz? Bu sport görnüşi adamda nähili sypatlary şekillendirýär?
4. «Sag-amanlyk – tümen baýlyk» hekaýasyny okaň. Siziň pikiriňizçe, ýigidiň garyplygynyň sebäbi näme? Sagdyn, ýöne ýalta adam öz maksatlaryna ýetip bilermi?
5. Özüňize ýakan sport görnüşi boýunça maglumat toplaň we depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# HÜNÄRIŇ ÝAMANY BOLMAÝAR. HÜNÄRLI – ÖNER









1. Suratlarda haýsy kesp-hünäriň eýeleri görkezilen?
2. Siz uly bolanyňyzda kim bolmakçy?

Dünýäde kesp-hünärler köp. Durmuşda her bir käriň özboluşly orny, ähmiýeti bar. Çörekçi halkyň saçagyny doýumly we jan beriji çörekler bilen üpjün etse, lukman näsaglary bejerýär. Sürüji adamlaryň uzagyny ýakyn etse, daýhan iliň saçagyna şirin-şeker gawun-garpyzlary, däne önümleri we gök önümleri ýetişdirip berýär. Tikinçi gelşikli egin-eşikleri tikýär, binagär ýurduň görküne görk goşýan kaşaň binalary gurýar...

Ata-babalarymyz «Hünärli – öner», «Hünärli adam hor bolmaz», «Husnuna däl, hünärine bak», «Bir ýigide kyrk hünär az» diýen nakyllary bat-bat gaýtalaýarlar. Baýlygy bir sekuntda ýok etmek mümkin. Ýöne bilimi we hünäri hiç kim çekip alyp bilmeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adam iň kyn ýagdaýlarda hem öz hünärini işe salyp, kynçylyklardan gutulmagy mümkin.

Göz öňüne getiriň, jemgyýetdäki haýsydyr kär ýa-da hünär bolmasa, nähili ýagdaý ýüze çykmagy mümkin? Eger sürüji bolmasa, adamlar işe, okamaga öz wagtynda ýetip barmagy kyn. Howly süpüriji wezipesini ýerine ýetirmese, köçe we jemagat ýerlerinde arassaçylyk bolmaýar.

Diýmek, durmuş sazlaşykly geçmegi üçin her bir adam öz kärini tüýs ýürekden ýerine ýetirmelidir.

«Her bir adam käri kämil eýelemeli, terbiýe almaly we gowy gylyk-häsiýetlere, sypatlara eýe bolmalydyr», – diýipdi Abu Nasr Faraby.

Kesp-hünäriň ýamany bolmaýar. Möhümi, adam öz işini pugta eýeläp, zähmeti bilen il-ýurda, maşgalasyna peýda getirmegidir.

Işjeň, mert we çakgan, bir sözli, öňdengörüji we hüşgär bir adam müň-müňlerçe çäresiz, biperwaý adamlardan gowudyr.

**«Temuryň öwütleri»**

## HÜNÄRIŇ PEÝDASY

Aýtmaklaryna görä, Guştosb diýen patyşa günleriň birinde öz Watanyndan aýrylyp, başga ýurda gelipdir. Onuň ýanynda hiç zady ýokdy. Iýmäge iýmit tapyp bilmän, aç galypdyr. Başga birinden soraýyn diýse, yzzat-nebsi ýol bermeýärdi. Onuň ýadyna ýaşlyk ýyllary düşýär. Ol çagalyk wagtynda mekdebe barýarka, ýoluň gyrasynda ýerleşýän demirçiniň dükanynyň öňünde biraz saklanyp, demirçileriň pyçak we palta ýasaşlaryna tomaşa edýärdi. Şeýdip ol demirçiligiň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

syrlaryndan az-kem habarlydy. Guştosb köp oýlanyp durman, demirçileriň ýanyna barýar we olara:

— Eý doganlar, men hem demirçilik syrlaryndan habarlydyryn, meni özüňize şärik edinseňiz - diýipdir.

Demirçiler razy bolupdyrlar. Guştosb birnäçe möhlet işläp pul toplaýar, soň Watanyna gaýdyp gelýär.

Ol mertebeli wagtynda ýaşdyr garryny kär-hünär öwrenmäge çagyrypdyr. Çagalary günüň birinji ýarymynda okadyp, ikinji böleginde hünär öwretmäge perman beripdir.

**«Maşrykzemin – hikmet bossany» kitabyndan**

## Kesp-hünär we bilim baradaky hadyslar

Adamlaryň gowusy – adamlara peýdalyragydyr.

* * *

Ylym öwrenmek her bir mömin üçin parzdyr.

* * *

Käriň iň gowusy adamyň öz eli bilen ýerine ýetirýän işi we halal söwdadyr.

* * *

Sadakanyň gowusy ylym öwrenip, soň ony başgalara-da öwretmekdir.

1. Kesp-hünärleriň birini ikinjisinden ileri tutmak mümkinmi?
2. Adam durmuşda nämeleri ýitirmegi mümkin, nämeleri ondan hiç kim çekip alyp bilmeýär?
3. Guştosbyň kyn ýagdaýdan çykmagyna oňa näme kömege geldi?
4. Siz haýsy hünäri eýelemäge gyzyklanýarsyňyz? Ony pugta eýelemek üçin näme etmeli?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## KÄRLERIŇ ÖZBOLUŞLY AÝRATYNLYKLARY

Haýsy bir adam halal kär bilen mal-dünýä tapyp ondan özüniň we Taňrynyň başga bendeleriniň azyk, geýim-gejimi üçin sarp etse, şolaryň hemmesi oňa sadaka hökmünde ýazylýar.

**«Hadys»dan**





Suratlarda görkezilen kärleriň özboluşly aýratynlyklary barada aýdyp beriň.

Her bir käriň özboluşly kynçylygy we sypaty bar. Haýsydir käri eýelemek üçin çuňňur bilim, ýene haýsydyr käriň ussasy bolmak üçin bolsa dogabitdi talant ýa-da ussatlyk talap edilýär.

Mugallymçylyk iň şöhratly kärlerden biri. Mugallym bolmagy islän adam, ilki bilen, çagalary tüýs ýürekden



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

söýmeli, düşünmelidir. Mugallym çagalara ylym-bilimiň syrlaryny öwredýär, şonuň bilen birlikde, terbiýe hem berýär. Şonuň üçin halkymyz mugallymlary hormat edip, «Halypa atańdan beýik», diýýär.

Lukman bolmagy arzuw eden adam gaty düşbi, hüşgär we bilimli bolmaly. Çünki näsagyň durmuşy lukmanyň elinde. Lukmanyň ýekeje ýalňyşy sebäpli adam bir ömre maýyp bolup galmagy ýa-da durmuşy howp astynda galmagy mümkin.










Sungat işgäri, suratkeş, şahyr we ýazyjylar hemişe il nazarynda bolýarlar. Şonuň üçin bu käriň eýeleri



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dogabitdi talant bilen bir hatarda ýene ençeme sypatlara-da eýe bolmalydyrlar. Olar halkymyzyň taryhyndan, medeniýetinden habarly bolmalydyrlar. Zähmetsöýüjilik döredijilik işgärleri üçin iň zerur sypat. Sebäbi döredijiligiň bir göterimi dogabitdi talant bolsa, togsan dokuz göterimi zähmetdir.

Halkymyz işewür adamlary gadyrlaýar. Çünki şeýle adamlar halk, Watan üçin uly peýda getirýärler. Şu günki günde ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmäge uly üns berilýär. Telekeçiler öz kärhanalarynda halkymyzyň zerurlygy we daşary ýurtlara satmak üçin dürli önümler öndürýärler.

Fermerlik hem asylly kärlerden biri. Fermer diňe bir ekerançylyk we çarwaçylykdan däl, eýsem dogry iş ýöretmek, hasap-hesip hem-de ylym-bilimiň iň täze gazananlaryndan hem habarly bolmaly. Şonda onuň işleri has-da rowaçlanar.

Adam haýsy käri saýlamagyna seretmezden öz öňüne anyk maksatlary goýmaly we ony amala aşyrmak üçin dyngysyz ymtylmalydyr. Durmuşda diňe maşakgatlara çydan we olary ýeňip geçenler öz käriniň ussasy hökmünde yzzat-hormata sezewar bolýarlar.

1. Mugallym nähili sypatlara eýe bolmaly?
2. Näme üçin lukmandan gaty düşbülik we hüşgärlik talap edilýär?
3. Siziň mähelläňizde-de telekeçiler we fermerler barmy? Olaryň edýän işleri hakynda gürrüň edip aýdyp beriň.
4. Geljekde kim bolmakçy? Siz saýlan käriň eýesinde nähili sypatlar bolmaly?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ZÄHMET ÇEKMEK WE KÄR SAÝLAMAK HUKUGY

Her bir şahs zähmet çekmek, erkin kär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we kanunda görkezilen tertipde işsizlikden goranyş hukugyna eýedir.

**37-nji madda**









Ýurdumyzda her bir adam özi islän käri saýlamagy we şu kär boýunça zähmet çekmegi mümkin.

Zähmet adamy beýgeldýär, durmuşyna many-mazmun bagyşlaýar. Halal zähmet çeken adam beden taýdan ýadawlygy duýsa-da, ruhubelent, şähdaçyk bolýar.

Durmuşda dogry kär saýlamak örän möhüm. Çünki adam kär eýelemek üçin birnäçe ýyllyk ömrüni sarp edýär. Adam özi halan kärini gyzyklanma bilen çalt we aňsat özleşdirýär, soňluk bilen zähmet işi-de önümli bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Durmuşda büdremäýin, jemgyýete köpräk peýda getireýin, diýen adam ýaşlykdan haýsy-da bolsa bir kär ýa-da hünäri saýlap, ony kämil eýelemäge hereket etmelidir. Babamyz Alyşir Nowaýy:

Ömri zaýa geçirme, zähmet çek,
Zähmet – saadatyň açary, bil,

diýip ýöne ýere aýtmandyr.

Ýurdumyzda ýaşlaryň özleri islän kesp-hünäri eýelemegi üçin zerur şertler döredilen. Ähli amatlyklara eýe kesp-hünär kolležlerinde ýigit-gyzlar özleri halan hünäriň syrlaryny pugta eýeleýärler.

Eziz okuwçy, biz häzir hut okap-öwrenýän ýaşda. Häzirden başlap özümiz gyzyklanýan käri anyklap almalydyrys we ony eýelemek üçin taýýarlyk görüp başlamalydyrys. Kär saýlamakda ata-enemiziň we mugallymlarymyzyň pikirini, öz gyzyklanma we mümkinçiliklerimizi-de hasaba almagy unutmaly däldiris.

**Ö** **Aşakda berlen kesp-hünär atlaryny döwrebap we gadymy kesp-hünär atlary ýaly iki topara bölüň.**
**Şeýle kesp-hünärler häzirki günde hem barmy?**
**Olardan haýsylary täzeçe atlar bilen atlandyrylýar?**

**Senetçi, inžener, maksatnamaçy, küýzegär, tahýaçy, fermer, daýhan, misgär, kosmonawt, sürüji, žurnalist, çopan, aktýor, aşpez, menejer, hatdat, çörekçi, kazy, söwdagär, tikinçi, telekeçi, çapar, ministr, dizaýner, tebip, arhitektor, kerwenbaşy, mugallym, suratkeş, lukman, uçujy.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





## HÜNÄR WE HÜNÄR EÝELEMEGIŇ PEÝDASY HAKYNDA NAKYLLAR

Ylymsyza ynanç ýok,
Hünärsize guwanç ýok.

Ýüz hünäri çala bilenden
Bir hünäri doly bil.

Ylhas bilen öwren hünär,
Hünärden rysgalyň öner.

Hünär iýdirer,
Zähmet gülleder.

Hünär bolsa eliňde,
Nan tapylar ýoluňda.

Hünäri ýok kişiniň,
Mazasy ýok işiniň.

1. Zähmet çekmek we kär saýlamak hukugy Konstitusiýamyzyň näçenji maddasynda ýazylan?
2. Ynsan näme üçin zähmet çekýär?
3. Kär saýlamakda nämelere üns bermeli?
4. Uniwersitetde ýa-da kesp-hünär kolležlerinde okaýan aga-doganlaryňyz barmy? Olar bilen kär saýlamak temasynda söhbetleşiň.
5. Nakyllary okap manysyny düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# KIM BOLSAMKAM?
(Amaly sapak)

## KÄRLERIŇ REŇKI NENEŇ?

**Miraziz A’zam**

Her bir käriň özgeçe, tapawutly reňki bar.
Ynha, görüň, nawwaý – ap-ak, edil gar.
Saçlary ak onuň, gaşy, kirpigi ak,
Ir bilen turýar guşlardan-da öňräk.
Otýakaryň reňki gara-guradyr,
Boýagçynyň reňki ala-muladyr.
Zawoda giriň-de, işçä bir garaň:
Onuň iş geýimi gökdeý mawy reň.
Işleýäniň eli ýagly, sap-saryk.
Mugthoruň eli reňksiz ap-arryk.

## KÜÝZEGÄR

**Obid Rasul**

Bardyr küýzegär agam,
Ady-da ussa Agzam.
Laý bişirip iru-giç,
Irinmegi bilmez hiç.
Oýmakäre öýkünýär,
Nagşyndan dür dökülýär,
Täzeçe sungat talap,
Gonduryp gül, timarlap,
Ot humdanyň içinde,
Ýal-ýal ýalyn içinde,
Akdyryp der, ýüzde suw,
Ýüreginde bar hyjuw.
Ol ýasady gül tüwek,
Toýun legen, aş tawak,
Küýzesiniň güli bar,
Aýna misli ýalpyldar.
Bu – geçmiş sungat miras,
Babalara bolup has.
Oňa berip timar nagşy,
Etdi bu gün işin ýagşy.
Yhlas berýär ol bu işe,
Hyzmatdadyr hemişe.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## TIKINÇI

**Kambar Ata**

Köýnegiň etegine
Gül «eker»,
Ýüpek ýüpden ýakasyna
Gül tiker.
Keşde çatar sözenä
Bilkarsa.

Tahýasyndan gözleýä
Aý assa.
Tikinçi gyzyň kaýyl
Käre mährine,
Ýürekler haýran iňňesiniň
Jadysyna.

## HÜNÄRMENT

**Obid Rasul**

Elinde mydam guraly,
Görmäge ýör, baraly,
Boýagçy Turgun daýym,
Elleri gül, mylaýym.
Onuň boýan ram, işigi,
Tünüke tam, hem bişigi,
Diwara çeken nagşy,
Görseň neneňdir ýagşy.
Özi-de zor okapdyr,
Ertekidir, şygyr dokapdyr.
Ýene palawam bişirer,
Aýdymyn aýdyp berer.
Onuň ýapan çöregi,
Doly aýyň bölegi.
Boýagçy Turgun daýym,
Elleri gül, mylaýym.
Daýym ýaly köphünär,
Bolsaň, hünärden öner.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Aşakdaky suratlarda haýsy käriň eýeleri suratlandyrylypdyr? Bu kärler barada nämeleri bilýärsiňiz?**
















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GOWY SYPATLAR – ADAMYŇ GÖRKI

1. Sizlň dostlaryňyz köpmi? Olar barada aýdyp beriň.
2. Dostuňyz ýalňyşsa, siz nähili çemeleşýärsiňiz?

Dostuna wepalylyk adamkärçilik sypatlardan hasaplanýar. Hakyky dost islendik ýagdaýda özüni merdana alyp barýar. Adam gowy gününi dostlarynyň arasynda geçirse, şadyýan bolýar. Başyna alada düşende bolsa dostunyň kömegine daýanýar.

«Daragt köki bilen, adam dostlary bilen», diýen nakyl ýöne ýere döredilmändir. Daragtyň köki näçe güýçli bolsa, şemala tupana çydamly bolýar. Adamyň dostlary näçe köp bolsa, durmuşy şonça mazmunly geçýär. Dostlarynyň kömeginde durmuşyň synaglaryny we kynçylyklaryny ýeňip geçýär.

Dostuna hyýanat eden adama hormat we ynam ýitýär. Dostluga wepaly bolmak biziň adamkärçilik borjumyzdyr.

Ömrümiziň dowamynda biz örän köp adamlardan gowulyk görýäris. Ata-enemiz, ýakynlarymyz, mugallymlarymyz bize diňe ýagşylyk dileýärler. Adam özüne edilen ýagşylyklara hökman ýagşylyk bilen jogap gaýtarmalydyr.

Emma ýamanlyk edenlere nähili jogap gaýtarmaly? Ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap bermek hemmeleriň hem elinden gelibermeýär. Eger size kimdir ýamanlyk etse, her näçe kyn bolsa-da, oňa elbetde ýagşylyk bilen jogap gaýtaryň. Şonda ol eden işinden puşman eder, utanjyndan ikinji gezek ýamanlyga el urmaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Temuryň öwütlerinde» şeýle sözler bar: «Maňa gahar edip, öldürmäge kast eden adamlara şonça sowgatlary berip, ýagşylyk yhsan görkezdim welin, bu ýagşylyklary görüp, gyjalat derine gark boldular». Şundan görnüşi ýaly, babamyz Emir Temur özüne duşmanlyk eden adamlara hem ýagşylyk edip, olary dogry ýola salypdyr. Akyldar alymlaryň aşakdaky sözlerini hemişe ýatda saklamalydyrys:

Dünýäde tapaýyn diýseň amanlyk,
Birine umuman etme ýamanlyk!

## ÝAGŞYLYK

Sona mamasyna diýdi:

– Mamajan, mugallymym ýagşylyk hakynda tekst düzüp gelmegi tabşyrypdy. Ýöne men näme ýazjagymy bilemok. Sizden haýyş, kömek beriň.

– Mugallymyň örän möhüm ýumuş beripdir, gyzym. Dünýä ýagşylyk bilen görkli. Durmuşda adamlar birek-birege diňe ýagşylyk edip ýaşamalydyrlar. Ýagşylyga ýagşylyk, ýamanlyga bolsa ýamanlyk gaýdýar.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Saňa bir hekaýany aýdyp bereýin. Ak göwünli ýolbars bir güni syçany pişigiň penjesinden çykaryp ýagşylyk edipdir. Aradan birnäçe gün geçip, ýolbars awçynyň duzagyna düşüpdir. Ýolbarsyň ýagşylygyny unutmadyk syçan ýiti dişleri bilen duzagy gyrkyp, ony azat edipdir. Gördüňmi, ýagşylyk jogapsyz galmaýar.

– Mamajan, onda näme adamlar bir-birine ýamanlyk edýärler?

– Birine ýamanlyk etmek iň agyr günä. Ýaman adamlar eden ýamanlyklarynyň jezasyny hökman çekýärler. Eger kimki bilip-bilmän günäli iş eden bolsa, ony ýuwmak üçin yzyndan haýsy-da bolsa bir sogap işide etmelidir. Sogap iş etse, adamyň özide hoşal bolýar. Şuny ýatdan çykarmaň, ýagşylygyň hem, ýamanlygyň hem uly-kiçisi bolmaýar.

– Men kime ýagşylyk etsem eken? – diýdi Sona mamasynyň sözlerinden täsirlenip.

– Häzirlikçe seniň ýagşylygyň edep-ahlagyňda, gowy okamagyňda, ata-enäň, mugallymlaryň sözlerine gulak asmagyňda. Entek durmuşyň öňüňde, balam. Köp ýagşylyklar edip ýetişersiň, – diýdi mamasy Sonanyň başyny sypap.

1. Ýagşylyk diýende nämäni düşünýärsiňiz? Size-de biri ýagşylyk etdimi?
2. Näme üçin akyldarlar ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap gaýtarmalydygyny öwredipdirler?
3. «Ýagşylyk» hekaýasyny okap, mazmunyna üns beriň. Sonanyň mamasy ýagşylygyň peýdasy, ýamanlygyň zyýany barada näme diýipdir?
4. Siz şu hekaýadan nähili netije çykardyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## RUHYÝET ADAMY BEÝGELDÝÄR

Adamyň nähilidigini onuň sözlerine, özüni alyp barşyna, edýän işine garap bilip bolýar. Dünýägaraýşy giň, ruhyýeti belent adamlar töweregindäkilere gowulyk dileýärler, il-ýurduň gülläp ösmegi üçin hyzmat edýärler. Dünýägaraýşy dar, ruhyýeti gowşak adamlar bolsa diňe özlerini oýlaýarlar.

Ruhyýet adamy ruhy taýdan päklenmäge, ýürekden ulalmaga çagyrýan, adamyň içki dünýäsini, erkini güýçli, iman-ygtykadyny bütin edýän, wyždanyny oýarýan deňi-taýsyz güýçdür, onuň ähli garaýyşlarynyň ölçegidir.





Ruhyýeti ýokarlandyrmak üçin köp okap-öwrenmelidiris, dünýägaraýşymyzy baýlaşdyrmalydyrys. Munda bize kitaplar kömege gelýär. Kitap – adamyň iň ýakyn dosty, ýoldaşy. Gynansak-da, käbir ýaşytdaşlarymyz gymmatly wagtyny biderek işler bilen geçirýärler. Hut geljegiň binýady goýulýan ýaşda wagtymyzy peýdaly işlere sarp etmek, bilim almak, köp kitap okamak iň dogry ýoldur.

Ýurdumyzda ýaşlara öz talantyny we ukybyny ýüze çykarmak üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Şäher we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

obalarymyzda saz we sungat mekdepleri, sport gurnaklary, çagalaryň döredijilik merkezleri iş alyp barýarlar.




Dünýägaraýşy baýlaşdyrmakda dil öwrenmek möhüm ähmiýete eýe. Ene dilinden daşary ýene üç-dört dili bilene näme ýetsin?

Eždatlarymyz galdyran ruhy-medeni miras bilen hem tanyşmalydyrys. Çünki taryhymyzy näçe köp bilsek, kimleriň nesilleridigimize barha aň ýetireris we olara mynasyp bolmaga çalyşarys.

Şonuň bilen birlikde, dünýä halklarynyň taryhy, medeniýeti, urp-adatlaryndan hem-de döwrebap ylym-bilimiň gazananlaryndan hem habarly bolmalydyrys.

## MÜŇ ALTYNA DEŇ HIKMET

Bir güni pederi buzrukwarymyz – Emir Taragaý bahadyr köp goýunlary maňa berip, Samarkandyň bazaryna satmaga ýollady. Goýunlaryň hemmesini müň altyna satyp, pullary bile daňyp, seýil edýärdim. Bir ýerde hoşowaz galandar adamlara gürrüň berip duran eken: elinde kagyz – goşgy ýazylan. Ol diýýärdi:

– Şu ýazuwuň gadyryna ýetip, kim müň altyna alsa, dünýäniň ahyryna ýetýär...

Hümmetim joşup, müň altyny galandara tutdurdym. Ol maňa siňe seretdi-de, soňra neslimi soraşdyrdy. Aýtdym. Soň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Bu haty atańyň öňünde oka, barýança açma... diýdi.

Kagyzy getirip, atama berdim. Açyp okady. Parsça rubagy eken – manysy aşakdaky ýaly: «Zulum bilen dünýäde at galdyryp bolmaýar. Jemşit, Süleýman, Iskenderler geçip gitdi, nobat saňa hem ýetjegi anyk. Dünýä geldiňmi, ýagşylyk bilen at galdyr...»

Rubagynyň awtory – şol galandar-alym şahyr Kemal Hojandy eken. Atam ony köp hormat edýän eken.

– Berekella, oglum, altynlary köp dana işe sarp edipsiň. Indi müň altyna alan şu hikmete berk amal etmeli bolarsyň...

Atamyň aýdanlaryny başyma täç edindim.

**«Temuryň öwütleri»**

**Pederi buzrukwar** – ata.
**Galandar** – ýurtma-ýurt gezip, dini bilimleri wagyz edýän adam.
**Rubagy** – dört hatardan ybarat bolan göreldeli goşgy.
**Jemşit, Isgender** – güýç-gudratda deňsiz legendar patyşalar.
**Süleýman** – pygamber we patyşa.

1. Adamyň ruhyýetiniň ýokarydygyny nähili bilip almak mümkin?
2. Dünýägaraýşymyzy giňeltmek üçin biz näme etmeli?
3. Ruhyýeti ýokarlandyrmakda kitabyň orny hakynda aýdyp beriň.
4. Emir Temur müň altyna satyn alan goşguda nähili sözler ýazylypdy? Siziň pikiriňizçe, bu sözler müň altyna mynasypmy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# JADYLY SÖZLER

## JADYLY SÖZLER



**Dilşat Rajab**

Her bir gepdir sözümiz
Göýä aýna gözümiz.
Aýdan her sözümizde
Görünýäris özümiz.
Neneň gowy söz-kelam,
Edep başy «Essalam».
Hoş ýakýandyr hemme wagt
«Sag bol», «hop-hop», «merhemet».
Soňky söz hem alamat –
«Hoş, siz boluň salamat».

«Köňülde dil naýzasynyň ýarasy bitmeýär we bu ýara hiç zat melhem bolup bilmez. Haýsy köňülde dil naýzasynyň ýarasy bar bolsa, oňa diňe gowy söz we şirin dil melhem we rahatdyr. Mylaýym söz wagşylary dosta öwürýär, jadyly heň bilen jadylap, ýylany hinden çykarýar». Bu pähimli sözleri Alyşir Nowaýy biz nesillere miras galdyrypdyr.

Hakykatdan-da, bedeniň haýsy-da bolsa bir agzasyna şikes ýetse, oňa melhem goýýarys. Ýara bitensoň, ýatdan çykarýarys. Kimdir göwnümizi agyrtsa, ýaman gep bilen göwnüňe degse nätmeli? Bu adamyň ýadyndan çykmagy kyn.

Dil adamyň hem dosty, hem duşmanydyr. Duşmana mylaýym söz aýdyp, dosta öwürmek, dosta ajy söz aýdyp, bir sellemde duşmana öwürmek mümkin. Ýer-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

liksiz söz gepleýäniň başyna bela bolýar. Şonuň üçin her bir gepi ilki oýlanyp, soň geplemelidiris.

Dildäki her bir sözüň özboluşly jadysy, güýji bar. Şeýle sözler bar bolup, olar adama gowy täsir edýär. «Essalawmaleýkim», «merhemet», «bagyşlaň», «haýyş», «sag boluň», «bolýa», «lepbeý», «aman boluň» ýaly sözleri mümkingadar köpräk ulanan makul.

Özbek halk ertekilerini bir ýada salyň, hany. Erteki gahrymanlary tarapyndan aýdylan ýekeje «Essalawmaleýkim» sözi olaryň durmuşyny saklap galýar. Bu jadyly söz sebäpli jadygöý kempiriň daş kalby eräp, «Eger salamyň bolmanda, iki ýalmap bir ýuwdardym», diýýär. Şorta sözleriň gahrymany Nesriddin ependini hem hemmämiz gowy bilýäris. Ol islendik kyn ýagdaýlardan häzirjogaplygy we düşbüligi bilen çykyp gidýär.

Gepleşik edebi adamyň görküdir. Maşgalada, garyndaş-uruglar, dostlar bilen söhbetde oňa berk amal etmek gerek. Gadymy kitap – «Awesto»da adam durmuşynyň dowamynda gowy pikir, ýagşy söz, haýyrly işlere daýanyp ýaşamalydygy oňat düşündirilýär.

Durmuşda üstünlik gazanjak, diýseňiz, gepleşik edebini berjaý ediň.

## DILIŇE SAK BOL – AMANDYR BAŞYŇ

Okuwyň we bilimiň dilmajy, terjimeçisi dildir. Adama roşnalyk, gowulyk we haýyrlylyklar dil sebäpli gelýär, muny gowy bilip almak gerek. Yzzat-hormaty-da, at-abraýy-da adam dil arkaly tapýar. Eger dile üns berilmese, ony ýerliksiz ullanylsa, adamyň başynyň ýaryljagy anyk.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dil misli arslan ýatar kapasda,
Bihabar başyňy iýer ol nepesde...

Sözüňe ägä bol, başyň ýarmasyn,
Diliňe sak bol, dişiň synmasyn...

Hiç haçan köp gepleme. Örän az sözle. Az söze köpräk many sygdyrmaga çalyşyň. Çünki:

Adam söz sebäpli bolýandyr mälik,
Artyk söz bu başy edýändir egik.

Artykmaç aýdylan söz adamyň göwnüne degýär. Emma sözlemezlik hem mümkin däl. Bu ýagdaýda sakaw diýen ady almak mümkin. Şoňa görä ortaça çemeleşilmelidir.

Diliňe sak bol – amandyr başyň,
Sözüňi aýawla uzalar ýaşyň.

**«Kutadgu bilig» eserinden**

**Roşnalyk** – ýagtylyk, gowulyk.
**Mälik** – ünsli, abraýly; patyşa.

1. Dil adamyň hem dosty, hem duşmanydyr, diýen pikiri düşündiriň.
2. Siz nähili jadyly sözleri köp ulanýarsyňyz?
3. Oýlanmazdan aýdylan söz nähili netijelere getirmegi mümkin?
4. Ýoldaşlaryňyzyň haýsy häsiýetleri görelde alarly?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MEKDEP – IŇ BEÝIK MESGEN




1. Näme üçin mekdebe bilim mesgeni diýýärler?
2. Siz mekdebe näme maksatda gelýärsiňiz?
3. Haýsy ylymlar size köpräk ýakýar? Näme üçin?

Danyşmentler «Dünýäde iň mukaddes mesgen nire?» diýen soraga, «Mekdep» diýip jogap beripdirler. Ýogsam, näme üçin mekdep? Çünki bu ýerde ýurduň geljegi bolan ýaş nesle tälim-terbiýe berilýär. Mekdepde sowat çykarýarys, bilim alýarys, dünýägaraýşymyz şekillenýär.

«Ylym öwrenmek her bir mömin üçin parzdyr», «Bişikden gubura çenli ylym gözle», «Bir sagat ylym öwrenmek bir gijelik ybadatdan gowudyr» diýilýär hadysy şeriflerde.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eždatlarymyz ylmyň gadyryny çuňňur aňypdyrlar, adamlary ylym öwrenmäge çagyryp gelipdirler.



Bilim almak iňňe bilen guýy gazan ýaly kyn iş. Sabyrlylyk we çydamlylyk, yhlas bilen okan adam hökman maksadyna ýeter.

Mekdebiň bosagasyna ädim goýanymyzda mugallymymyz bizi mähribanlyk bilen garşy aldy. Elimizden tutup, bilimler älemine alyp girdi, okamagy-ýazmagy öwretdi.

Ömrümiziň dokuz ýyly janajan mekdebimiziň gujagynda geçýär. Şu ýyllaryň dowamynda bilim almagymyz, okap-öwrenmegimiz üçin janypkeş mugallymlarymyz jan aýamaýarlar.

Ikinji öýümiz bolan mekdep we ondaky her bir enjam – umumy emlägimizdir. Olary gözüň göreji ýaly gorap saklamak, ini we jigilerimize büs-bütin ýagdaýda galdyrmak bolsa borjumyzdyr.

Her birimiz mekdepde ýola goýlan düzgün-nyzamy pugta berjaý etmelidiris.

Döwrebap, gelşikli mekdeplerde okaýandygymyz Watanymyzyň bize edýän gamhorlygydyr. Biz muňa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

jogap edip gowy okamaly, göreldeli tertibe eýe bolmalydyrys.

Häzirlikçe biziň iň esasy wezipämiz okamak. Gowy okap, geljegimiz üçin esas döretmeli. Bu gün alýan bilimlerimizi geljekde maşgalamyzyň we ýurdumyzyň gülläp ösmegi üçin ulanarys. Ýurdumyz gülläp össe, durmuşymyz has-da abat bolýar.

## Akyldar alymlar bilim we onuň peýdasy hakynda

Nirede okuw bolsa, beýiklik bolur,
Nirede bilim bolsa, beýiklik bolur.

**Ýusuf Has Hajib**

Az-az öwrenip dana bolur,
Katra-katra ýygylyp derýa bolur.

**Alyşir Nowaýy**

Ylymdan gowurak hazyna bolmaz,
Eliňden geldiginden ýygyp alsaň bes.

**Abu Abdullah Rudaki**

1. Näme üçin mekdebe mukaddes mesgen diýýäris?
2. Mekdep emlägi diýende nämäni düşünýärsiňiz?
3. Gowy okap, ertirki güne esas goýmak diýende nämeler nazarda tutulýar?
4. Özüňiz okaýan mekdep hakynda aýdyp beriň. Onuň haýsy taraplary size ýakýar?
5. «Meniň mähriban mekdebim» temasynda döredijilikli tekst düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# EDEP-AHLAK KADALARY
## (Amaly sapak)






Her bir milletiň asyrlaryň dowamynda şekillenen edep-ahlak kadalary bar. Olarda onuň gylyk-häsiýeti, tebigaty, arzuw-islegleri, niýetleri öz şöhlelenmesini tapýar.

Gündogar halklary gadymdan jemagat bolup ýaşamaga adatlanypdyrlar we töweregindäkileriň pikirini hormat edipdirler. Olar «Bir çaga ýedi goňşy – ata-ene» diýen nakyla amal edipdirler. Çaganyň ahlak-edebine diňe ata-enesi däl, eýsem tutuş mähelläniň adamlary hem özüni jogapkär hasaplapdyr. Çaga terbiýesine uly üns beren ata-babalarymyz nesihat ruhundaky eserleri köp ýazypdyrlar.

Ata-enä we ululara hormat, kiçini sylamak, myhman-söýerlik, zähmetsöýüjilik – özbek halkynyň esasy ahlak ölçegleridir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Huseýin Woiz Kaşifi «Futuwwatnamai Sultoni» atly eserinde ýaşlar amal etmeli bolan söhbet edebiniň aşakdaky sekiz sany kadasyny sanap geçýär:

– soramasalar geplemezlik;
– geplände sesini ýokarlandyrmazlyk;
– geplände, eýläk-beýläk seretmezlik;
– betnebis we kinaýaly gepleri geplemezlik;
– gaty geplemezlik we edepsizlik etmezlik;
– puşman bolmazlyk üçin oýlanyp geplemek;
– adamlaryň sözüni bölmezlik;
– köp geplemezlik. Çünki köp geplemek kem akyllylygyň alamatydyr. Az bolsa-da, emma saz sözlemegi şygar edinmeli...

«Eger gowy söz haýsy diýip sorasalar, adamlara peýdasy degýän söz, diýip aýtgyl. Ýaman söz haýsy, diýip sorasalar, başgalara zyýany degýän söz diýip jogap bergil», diyip nesihat edýär alym.

## ÖWÜTLER

Diňläp ata-eneňi
Sözlerini gadyrla.
Mal-mülküň köpelse,
Öwünip guduzlama.

* * *

Bakmaz jahan sowuk söz,
Nadan, ýüzsüz, bahyla.
Ýakymly bol, hoşgylyk bol,
Galsyn adyň köp ýyla.

* * *

Ündäp beýik çagyrsa,
Çaltlyk bilen çapyp gel.
Açlykda bile bolgul,
Ne halda bolsa ýurt, il.

* * *

Giň don tozmaz,
Geňeşli iş bozulmaz.

* * *

Batyr – söweşde,
dana mejlisde synalýar.

* * *

Edebiň başy dil.

**«Dewanu lugatit-türk» eserinden**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# AHLAK

Suw, Ot we Ahlak – üçüsi dostlaşypdyrlar. Bir güni olar seýle çykypdyrlar. Bir-birlerinden howatyrlanyp, Suwdan sorapdyrlar:

– Eger ýtip gidäýseň, seni nireden taparys?

– Nirede şyrryldaýan sesi eşitseňiz, men şol ýerde bolaryn, – diýipdir Suw.

Soňra Otdan sorapdyrlar:

– Seni ýitirsek, nireden taparys?

– Nirede tusse görseňiz, men şol ýerde bolaryn, – diýipdir Ot.

Nobat Alaga gelende ol şeýle jogap beripdir:

– Meni ýitirseňiz, gözläp ýörmäň. Hiç ýerden tapyp bilmersiňiz.

**«Syrly, göreldeli we durmuş hekaýalar» kitabyndan**

1. Näme üçin Gündogar halklary, şol sanda, ata-babalarymyz ahlak-edebe uly üns beripdirler?
2. «Edebi edepsizden öwren» nakylyny nähili düşündirýärsiňiz?
3. Gowy adam nähili sypatlara eýe bolýar?
4. Hüseýin Woiz Koşifi söhbet edebinde nämelere amal etmelidigini sargapdyr?
5. Ahlgyň «Meni ýitirseňiz, gözläp ýörmäň. Hiç ýerden tapyp bilmersiňiz», diýen sözlerinden nähili netije çykarmak mümkin?
6. Depderiňize gylyk-häsiýetiňizdäki gowy we ýok etmeli, diýip oýlaýan adatlaryňyzy ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## JEMLEÝJI DERS

### BILIMIŇ GÜÝJI

**Hindi halkynyň seýrek ýazuw ýadygärligi – «Mahabharat» dessanynda göreldeli bir hekaýa bar. Onda Ýudhişthira öz doganlaryny ölümden saklap galmak üçin tokaý döwüniň soraglaryna jogap bermeli bolýar.**

...Ýudhişthira ses gelen tarapa ýöredi we tötänden daragtlaryň gür ýapraklarynyň arasynda duran tokaý döwüne gözi düşdi. Onuň boýy buraw ýalydy, bedeni ot ýaly ýanyp, şöhle saçyp durýardy, gözleri top-togalak, kirpigini kakmaýardy. Ol güýçli şaglawugyň galmagalyny ýatladýan gürrüldeýän ses bilen sorapdyr:

– Sen jogap berjekmi? Ýa-da şu ýerde baky galmakçymy?

– Soraber, – diýipdir Ýudhişthira.

Tokaý döwi sorag berip ýetişmänkä taýýar jogaplary alyp başlapdyr.

– Nädip akylly bolmak mümkin?

– Danalar bilen söhbetde.

– Söweşiji üçin iň gymmatly zat näme?

– Ýarag.

– Ýer sürüji üçin iň zerur zat näme?

– Ýagyş.

– Tohum sepýän üçin näme?

– Tohum.

– Näme asmandan hem ýokary?

– Ata.

– Näme şemaldan hem tiz ylgaýar?

– Pikir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Näme gözüni ýummazdan uklaýar?
– Balyk.
– Näme doglandan soň gymyldamaýar?
– Ýumurtga.
– Sowukdan adamy näme saklaýar?
– Ot.
– Atanyň jany-teni kim bolup biler?
– Perzent.
– Iň gowy baýlyk näme?
– Bilim.
– Nähili keseli bejerip bolmaýar?
– Açgözlük.
– Eý, adamzadyň iň danasy, sen meniň hemme soraglaryma dogry jogap berdiň.

Şu sözleri aýdyp tokaý döwi gözden gaýyp bolupdyr.

## ATA BOLAN SYLAG

**Görnükli özbek edebiýatçysy Pirimkul Kadyrowyň «Ýyldyzly gijeler» eseri beýik eždadymyz Zahirid-din Muhammet Babur hakynda. Baburyň gyzy Gülbedenbegim hem meşhur aýal şahyr we taryhçy hökmünde tanalypdyr. «Ýyldyzly gijeler» romanyndan alnan aşakdaky parçada 5 ýaşly Gülbedenbegimiň ata-enesine hormat-yzzaty örän näzik beýan edilipdir.**

...Babur gyzjagazyny eline alyp, maňlaýyndan ogşady, soň saçagyň ýanyna gelip, ony dyzyna alyp oturdy...

– Näme iýjek, – diýip sorady.

Gülbeden edep bilen başyny çaýkady – ol patyşa atasynyň öňünde nahar çeýnäp oturmakdan çekinýärdi. Ýöne kakasynyň zer goşulyp dokalan gymmatbaha geýmindäki ilikler ony örän gyzyklandyrdy...



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Saňa ilikler makulmy? – diýip sorady kakasy. Gülbeden «hawa», diýip ýylgyrdy...

Babur kemerine asylan gynyndan kiçijik çakgysyny aldy-da, şol iligi ýüpünden gyrkyp alyp, gyzyna berdi:

– Ýöne ýitirme. Bu guş – Humaý. Ylahym, saňa bagt getirsin. Gülbeden begenip we aljyraňňylap:

– Sag boluň, hezreti... aly... – diýdi-welin, ýöne jümläniň ahyryny onçakly oňarmady.

– Meni ata diýiber, gyzym.

Gülbeden enesi Mahymbegime sorag nazary bilen garady. Mahym «hawa, aýt» diýen ýaly başyny yrady. Şonda Gülbeden eljagazlary bilen atasynyň boýnundan gujaklady-da:

– Atajan! - diýip onuň çekgesinden ogşady.

**Abo** – erkekleriň gadymy üstki geými

1. Bilim adamyň durmuşynda nähili ähmiýete eýe?
2. Adamyň gepleýşinden onuň nähilidigini bilip almak mümkinmi?
3. «Ata bolan sylag» tekstini üns bilen okaň. Gülbedenbegimiň edebi onuň haýsy hereketlerinde görünýär?
4. Tomusky dynç alyşda edep-ahlaga degişli kitaplary okaň. Olardan özüňize ýakan hekaýa, erteki we rowaýatlaryň mazmunyny depderiňize ýazyň.
5. Watan, parahatçylyk we dostluk baradaky goşgulardan ýatlaň.
6. Hünär we onuň peýdalary, zähmetsöýerlik hakyndaky nakyllary toplaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

## I BAP. ÖZBEGISTAN – MEDENI WE RUHY MIRASLARA BAÝ ÜLKE

Özbegistan – geljegi beýik döwlet.................................. 4
Ýurt parahatçylygy – il baýlygy.................................... 7
Özbegistan – köp milletli ýurt........................................ 10
Eždatlarymyz gadyrlan gymmatlyklar........................... 14
Özbegistan – medeni we ruhy miraslara
baý ülke.......................................................................... 17
Döwlet dili........................................................................ 20
Garaşsyzlyk ýyllarynda dikeldilen taryhy ýadygärlikler... 23
*Gaýtalamak*.......................................................................... 27
Milli mirasymyz – buýsanjymyz.................................... 29
Ýurdumyzda bellenýän umumyhalk
baýramlar. Maşgala däpleri.......................................... 33
Sazyň ynsan durmuşyndaky orny.................................. 36
Ýurdumyzyň çäklerindäki aýdymçylyk
sungatynyň özboluşlylygy............................................... 39
Konstitusiýamyz – bagtymyzyň binýady....................... 42
Biziň hukuklarymyz we borçlarymyz.
Kada-kanun, tertip düşünjeleri.................................... 44
Biz Özbegistanyň raýatlarydyrys.................................. 47
*Özbaşdak okamak üçin*.................................................. 49

## II BAP. GÜÝÇLI ÝURDUŇ SAGDYN FERZENTLERI

Ýurt parahatçylygy üçin ählimiz jogapkärdiris.............. 51
Biziň armiýa................................................................... 54



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sagdyn durmuş terzi.................................................. 57
Enelik we çagalyk döwlet goragynda.......................... 60
Hünäriň ýamany bolmaýar. Hünärli – öner................ 63
Kärleriň özboluşly aýratynlyklary................................ 66
Zähmet çekmek we kär saýlamak hukugy.................. 69
Kim bolsamkam? *(Amaly sapak)*............................... 72

## III BAP. ÝAGŞYLYK – KÄMILLIGE ELTER

Gowy sypatlar – adamyň görki.................................. 75
Ruhyýet adamy beýgeldýär........................................ 78
Jadyly sözler............................................................. 81
Mekdep – iň beýik mesgen......................................... 84
Edep-ahlak kadalary *(Amaly sapak)*.......................... 87
*Jemleýji ders*.......................................................... 90



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**MOHIRA XOLIQOVA, SHAHNOZA ERGASHEVA**

*O‘quv nashri*

**«ODOBNOMA»**

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 4-sinfi uchun darslik

*(Turkman tilida)*

*Tuzatilgan va to‘ldirilgan to‘rtinchi nashr*

Toshkent – «Yangiyo‘l poligraf servis» – 2017
Nashriyot litsenziyasi AI №185, 10.05.2011 y.

Terjime eden – K. Hallyýew
Redaktor – J. Metýakubow
Tehredaktor – M. Riksiýew
Korrektor – J. Metýakubow
Suratkeş – M. Riksiýew

Original-maketden çap etmäge 2017-nji ýylyň 25-nji iýulynda rugsat edildi. Ölçegi 70x90 1/16. «Arial» garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Çap listi 6,0. Şertli çap listi 7,02. 990 nusgada çap edildi. Buýurma № 4745.

«Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň çaphanasynda çap edildi.
100000, Daşkent ş, Beýik Turan köçesi, 41.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkeziji jedwel**

| № | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alynandaky ýagdaýy | Synp ýolbaş-çysynyň goly | Dersligiň tabşyry-landaky ýagdaýy | Synp ýolbaş-çysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak normalary esasynda doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Gowy | Sahypalary bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmadyk. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, gopmadyk, sahypalarynda ýazgy we çyzgylar ýok. |
| Kanagat-lanarly | Sahypalary ýyrtylan, az-kem çyzylyp gyralary eplenen, dersligiň esasy böleginden aýrylmak halaty bar, ulanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Gopan sahypalary gaýtadan abatlanan, käbir sahypalaryna çyzylan. |
| Kanagat-lanarsyz | Sahypasyna çyzylan, ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da düýbünden ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, käbir sahypalry ýok, çyzyp, boýalan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE